Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Askarali SULEÝMANOW, Islamjan RAHMANOW,
Zilola SULEÝMANOWA

# ŞEKILLENDIRIŞ SUNGATY 4

**Umumy orta bilim berýän mekdepleriň 4-nji synpy üçin derslik**

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan tassyklanan*

*Ikinji neşir*



«SHARQ» NEŞIRÝAT-ÇAPHANA
PAÝDARLAR KOMPANIÝASYNYŇ
BAŞ REDAKSIÝASY
DAŞKENT – 2017

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

UO‘K: 372.874(075)
KBK 85.1ya 71
S 96

**Syn ýazanlar:**

Kemaliddin Behzad adyndaky Milli suratçylyk we dizaýn institutynyň professory, Özbegistanyň halk hudožnigi, **R.Hudaýberganow;**
Namangan döwlet uniwersitetiniň dosenti, pedagogika ylymlarynyň kandidaty **A.Amonullaýew;**
Respublikan Tälim merkeziniň baş metodisti **M.Tolipowa;**
Daşkent ŞPIGTHKI uly mugallymy **K.Mirahmedow;**
Daşkent şäherindäki 51-nji mekdebiň şekillendiriş sungaty mugallymy **D. Hasanow.**

## Şertli belgiler:

 — geçilen temany berkitmek üçin soraglar

 — öý işi

S 96 **Suleýmanow, Askarali we başg.**
Şekillendiriş sungaty: umumy orta bilim berýän mekdepleriň 4-nji synpy üçin derslik. Ikinji neşir / A. Suleýmanow, I. Rahmanow, Z. Suleýmanowa. – D.: «Sharq», 2017. – 112 s.
I. Rahmanow, I. II. Suleýmanowa, Z.

ISBN 978-9943-26-668-1

**UO‘K: 372.874(075)**
**KBK 85.1ya71**

***Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.***

**ISBN 978-9943-26-668-1**

© Suleýmanow A., Rahmanow I., Suleýmanowa Z.
© «Sharq» NÇPK Baş redaksiýasy, 2015, 2017.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# I ÇÄRÝEK

## ŞEKILLENDIRIŞ SUNGATYNYŇ GÖRNÜŞLERI WE ŽANRLARY

Eziz okuwçy! Şekillendiriş sungaty durmuşy şöhlelendirmekde, dünýäniň gözelliklerini duýmaga adama kömek edýändigini bilýärsiňiz.

Siz şekillendiriş sungatynyň görnüşleri barada entek birinji synpda başlangyç maglumat alypdyňyz. Şekillendiriş sungaty özüniň şekillendirme usullaryna we başga taraplaryna garap, ***grafika, žiwopis*** we ***heýkaltaraşlyk*** ýaly görnüşlere bölünýär (1-nji surat).


a


b


ç

**1-nji surat.** Şekillendiriş sungatynyň görnüşleri: grafika (*a*), žiwopis (*b*) we heýkeltaraşlyk (*ç*).



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Grafika.** Şekillendiriş sungatynyň iň köpçülikleýin görnüşlerinden biri. «Grafika» sözi grekçede «ýazýaryn», «çyzýaryn» diýen manyny aňladýar. Galamda ýa-da tuşda çekilen suratlar, kitap, gazet we žurnallara çyzylan illýustrasiýalar (2-nji surat), käbir jisime oýulan grawýuralar, plakatlaryň, stendleriň, predmetleriň etiketkalary, ýarlyklary, azyk önümleri dolanan ýazuwly kagyzlar – bularyň ählisi grafikanyň nusgalarydyr.

**Žiwopis.** Žiwopis şekillendiriş sungatynyň iň özüne çekiji we täsirli görnüşidir (3-nji surat). Onda suratçy



**2-nji surat.** *Telman Muhamedow.* Gafur Gulamyň «Şum bala» kyssasyna işlenen illýustrasiýa.



**3-nji surat.** *Erkin Bazarow.* Inimiň portreti.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

reňkler arkaly mata, kagyza ýa-da başga tekiz üste durmuş hadysalaryny çeper suratlandyryp berýär. Žiwopis eserleri, esasan, akwarel, ýagly reňkler arkaly dörediliýär.

**Heýkeltaraşlyk.** Heýkeltaraşlyk – barlygy üç ölçegli şekilde şekillindirýän sungat görnüşi (4–5-nji suratlar). Heýkeli her tarapdan aýlanyp tomaşa edip bileris. Heýkeltaraş Ilham Jabbarowyň «Emir Temur», «Ahmet al-Fergany», Jelaliddin Mirtojiýewiň «Babur»,




**4-nji surat.** *Jelaliddin Mirtojiýew.* Ibn Sina Belgiýanyň Kortreýk şäherinde oturdylan býust.



**5-nji surat.** *Jelaliddin Mirtojiýew.* Ahmet Ferganynyň Kairdäki heýkeli.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




**6-njy surat.** Relýef görnüşleri.
a) barelýef,
b) gorelýef.



**7-nji surat.** *N.Krymskaýa*. Daşkent Ýokary tans mekdebiniň maňlaýyndaky barelýef.

«Ibn Sina», «Alyşir Nowaýy», «Mürze Ulugbek» eserleri heýkeltaraşlygyň tegelek görnüşine degişli.

Eger adamyň keşbi kellesinden biline çenli şekillendirilen bolsa, beýle heýkele ***býust*** diýilýär. 4-nji suratda şekillendirilen heýkel – býustdyr. Býustlar beýik taryhy şahslara bagyşlap oturdylýar.

Binalaryň diwarlaryna we maňlaýyna, teňňe, medal ýaly zatlaryň üstüne işlenen gabarçak nagyşly güberçek şekiller heýkaltaraşlygyň ***rel-ýefli heýkel*** nusgalarydyr. Relýefli heýkeltaraşlyk güberçeklik derejesine görä barelýef (kemräk oýuk), go-relýef (köpräk oýuk) görnüşlerine bölünýär (6–7-nji suratlar). Heýkeltaraşlyk eserlerini döretmekde laý, plastilin, gips, agaç, mermer, granit, bronza, hatda, altyn, mis, kümüş ýaly gymmat metallardan hem peýdalanylýar.

**Şekillendiriş sungatynyň žanrlary.** Şekillendiriş sungaty eserleri temasyna, mazmunyna, işleniş usulyna görä dürli žanrlara bölünýär. «Žanr» sözi fransuzça söz bolup, «görnüş» manysyny aňladýar. Şekillendiriş sungaty žanrlary olaryň görnüşlerine-de bagly. Žiwopis we



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Portret žanry



**8-nji surat.** *Muhammet Nuriddinow*. Ene portreti.

grafika eserleri aşakdaky esasy žanrlarda döredilýär: ***1. Portret. 2. Natýurmort. 3. Peýzaž. 4. Durmuş. 5. Taryhy. 6. Batal. 7. Animalistik. 8. Marinistik.***

Eger kartinada anyk bir adamyň keşbi şekillendirilen bolsa, beýle eser ***portret žanry***na degişli bolýar. Italiýanyň meşhur suratçysy Leonardo da Winçiniň «Mona Liza», Muhammet Nuriddinowyň «Ene» (8-nji surat) eseri portret žanryna degişlidir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Natýurmort žanry



**9-njy surat.** *Akmal Ikramjanow.* Natýurmort.

## Peýzaž žanry



**10-njy surat.** *Oral Tansykbaýew.* Dagda.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Durmuş žanry



**11-nji surat.** *Baris Kustodiýew.* Daň.

## Taryhy žanr



**12-nji surat.** *Ilýa Repin.* Zaporožýeliler türk soltanyna hat ýollaýarlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Batal žanry



**13-nji surat.** *Alyşir Alikulow.* Mongol basybalyjylaryna garşy söweş.

## Animalistik janr



**14-nji surat.** *Ilhom Atabaýew.* Bedewler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Marinistik janr



**15-nji surat.** *Oral Tansykbaýew.* Syrderýa.

***Natýurmort žanryndaky*** eserlerde jansyz zatlar şekillendirilýär (9-njy surat). Fransuzça «nature morte» – «jansyz tebigat» diýen manyny aňladýar.

Şekillendiriş sungatynyň iň köpçülikleýin žanrlaryndan biri peýzaž žanrydyr. Onda suratçy tebigat gözelligini şekillendirmek bilen birlikde adam we tebigat gatnaşyklaryny suratlandyrýar (10-njy surat).

Gündelik durmuş, ondaky waka we hadysalary suratlandyrýan şekillendiriş sungaty eserleri ***durmuş žanry***na degişli hasaplanýar (11-nji surat).

Käbir taryhy waka ýa-da taryhy şahslaryň şekiline degişli şekillendiriş sungaty eserleri ***taryhy žanr***a (12-njy surat), söweş, harby ýörüşler şekiline degişli işler ***batal žanry***na (13-nji surat), haýwanlara degişli eserler ***animalistik žanr***a (12-nji surat), suwly peýzaža degişli işler ***marinistik žanr***a (13-nji surat) degişli bolýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## Muhammet Nuriddinow

Žiwopisçi suratçy, Özbegistanyň halk hudožnigi. 1948-nji ýylda Namangan şäherinde doglan. 1968-nji ýylda Respublika suratçylyk bilim edarasyny, 1976-njy ýylda Repin adyndaky Leningrad suratçylyk, heýkeltaraşlyk we binagärlik institutyny tamamlan. 2003-nji ýylda Özbegistan Çeper akademiýasynyň altyn medaly bilen sylaglanan. Tematik kompozisiýalar ussasy, portret hem-de natýurmort žanrynda eserler döreden. Onuň «Namangan heňleri», «Ene portreti», «Aman Abdurazzakow portreti», «Eski Sebzor» eserleri meşhurdyr.

**Geçilen temany berkitmek üçin soraglar:**

1. Şekillendiriş sungatynyň nähili görnüşleri bar? Her bir görnüşini düşündirip beriň.
2. Şekillendiriş sungatynyň žanrlaryny sanap çykyň.
3. Şekillendiriş sungaty žanrlary bir-birinden nämesi bilen tapawutlanýar?

**Öý işi:**

Adalgalar üçin aýratyn depder tutuň we oňa temanyň tekstindäki aýry görkezilen sözleri bellik ediň.

## «GAWUN WE NAR» TEMASYNDA NATYURMORT IŞLEMEK

Ata Watanymyzda ýetişdirilen süýji miweler özüniň owadanlygy bilen suratçylary ylhamlandyryp, olary natýurmort döretmäge ündeýär (16–18-nji suratlar).



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**16-njy surat.** *Ýanis Salpinkidi.* Narly natýurmort.



**17-nji surat.** *N. Oripowa* Narlar natýurmorty.



**18-nji surat.** *Obidjan Bakirow*. Güýzki natýurmort.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**19-njy surat.** *Rahim Ahmedow.* Natýurmort.

Bu gün siz «Gawun we nar» diýlip atlandyrylýan natýurmort suratyny natura garap çekýärsiňiz. Zatlaryň özüne garap surat çekmäge ***naturadan surat çekmek*** diýilýär.

Miweler, güller, guş we haýwan gäpleri, gök önümler, bakja ekinleri, okuw gurallary, öý-hojalyk enjamlary, käre degişli zatlar şekillendirilen surata ***natýurmort*** diýilýär.

«Gawun we nar» temasynda natýurmort suratyny çekmegi iki basgançakda amala aşyrýarys. Birinji dersde natýurmort suraty galam bilen işlense, ikinji dersde žiwopisde tamamlanýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Işi naturany üns bilen synlamakdan başlaň. Surat çekmegiň basgançaklaryny 20-nji suratda berlen nusganyň mysalynda derňäň.





**20-nji surat.** «Gawun we nar» temasynda natýurmort surat çekmegiň yzygiderligi.

Ilki naturada duran zatlary surat depderiniň üstüne dogry ýerleşdirip almalysyňyz. Natýurmort çekmegiň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

basgançaklarynda ähli zatlary birbada şekillendirip barmaly. Ýogsam bir jisimiň ölçegi ulurak we ikinjisiniňki kiçiräk bolup, predmetleriň ýerleşişi, özara gatnaşygy, suratyň kompozisiýasy bozulmagy mümkin. Şonuň üçin natýurmortdaky ähli zatlaryň umumy beýikligi we ini kagyza kömekçi çyzyklar bilen bellik edilýär.

Natýurmort işlenen mahalynda, ilki bilen, onuň ýagtylma derejesine üns bermeli. Kölege, ýarym kölege, doýgun kölege, ýagty ýer we refleks aýry alynýar. Olary belgilände aşakdaky ýagdaýlara üns beriň:

1. Zatlaryň üstünde iň köp ýagtylyk serpilýän ýere ***ýagty, ýalpyldaýan ýer*** diýilýär. Adatda, keramika, çüýşe, syrçalanan zatlaryň ýagtylyk iň köp düşüp durýan ýeri ýaldyrap durýar.

2. Zatlaryň kölege böleginiň ahyryndan ýagtylygyň döwlüp serpilmesine ***refleks*** diýilýär.

3. Zatlardaky kölegäniň başlangyç bölegi ***ýarym kölege***, esasy bölegi bolsa ***goýy kölege*** diýlip atlandyrylýar.

4. Predmetden tekizlige düşýän kölegä ***düşýän kölege*** diýilýär.

Reňkler bilen işlenende ilki ýagty ýerlerini açyk reňklere boýamak bilen başlaýarsyňyz. Soň gawun, nar, gawun diligindäki ýagty we kölege ýerlerini degişli reňkler bilen tapawutlandyrýarsyňyz. Reňklände üns ilki esasy zatlara, soň maýda detallara gönükdirilýär.

Naturadan surat çekilende aşakdaky kadalara üns berilmelidir:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– suraty çekilýän zatlar bilen surat depderindäki şekili hemişe deňeşdirip duruň;

– ilki iri göwrümli, soň maýdarak şekilleri şekillendirmäge geçiň;

– reňkler seçilip alnanda diňe esasy reňkleri ulanmazdan alnan reňklerden hem peýdalanyň;

– sanitariýa-gigiýena kadalaryny berjaý etmegi, surat çeken mahalyňyzda kagyzyň üstüni bozguç bilen köp öçüribermezligi, çotgany basyp ulanmazlygy we suwy artykmaç zaýalamazlygy endik ediniň. Naturadan surat çekmegi tamamlamak bilen, onuň reňklerini ýene bir gezek barlap görüň, ýalňyşlary bolsa düzediň.

**Geçilen temany berkitmek üçin soraglar:**

1. «Natýurmort» sözüniň manysyny aýdyň.
2. Natýurmort žanrynda döredijilik eden meşhur suratçylary we olaryň eserlerini aýdyp beriň.
3. Reňklände nämelere üns bermeli?
4. Refleks, ýarym kölege we goýy kölege näme?
5. Esasy reňklerden alnan reňkler nähili tapawutlanýar?

**Öý işi:**

1. Natýurmortyň kompozision çözgüdini indiki dersde galamteswirde, soňky dersde žiwopisde tamamlap geliň.
2. Adalgalar depderine aýratynlandyrylyp görkezilen sözleri bellik ediň.
3. Özüňiz özbaşdak natýurmort goýulmasyny çekmegi oýlap görüň, meselem, «Gül dessesi», «Miweler», «Naharhana enjamlary» ýaly temalarda.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# «GAWUN SEÝLINDE» TEMASYNDA KOMPOZISIÝA IŞLEMEK

Suratçylar öz gören-bilenlerini, synlan waka-hadysalary hyýallarynda umumylaşdyryp, bitewi bir kompozisiýa döredýärler (21-nji surat). Munuň üçin olar galamda, reňkde garalama ***eskizler***, garalama suratlar, ***etýudlar*** işleýärler. Soň olaryň iň makuly esasynda suratçynyň göz öňüne getirmesindäki şekillendiriş sungaty eseri peýda bolýar. «Gawun seýlinde» temasyndaky kompozisiýanyň çözgüdini hyýalyňyzda göz öňüne getiriň:

1. Gawun-garpyzlaryň nähili sortlaryny bilýärsiňiz?



**21-nji surat.** *Jawlan Umarbekow.* Hasyl.

2. Gawun bilen garpyzyň şekli bir-birinden nähili tapawutlanýar?

3. Olaryň reňki nähili öwüşginde bolýar?

Işi surat depderiniň üstüne ýer bilen asmanyň araçägi – gorizontal ***gözýetim çyzygyny*** geçirmekden başlaýarsyňyz. Çyzykly depderiň üstüniň ortasyndan pesräkde geçirilýär. Gözýetim çyzygy siz şekillendirýän baba we agtyk obrazy – kompozisiýa merkeziniň asyl manysyny açmaga kömek edýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Adamyň suratyny çekende onuň göwre bölekleriniň aşakdaky gatnaşyklaryny berjaý etmäge çalyşyň:

Ilki bilen çekmekçi bolan adamlaryň oturan halatlaryny, daşky gurşawy garalama çyzyklaryň kömeginde umumy ***kompanowka*** edip alýarsyňyz. Soň maýda detallary çekmäge geçýärsiňiz, meselem, çaýla depesi, sütünleri, körpeçeler, saçak, getirilen öýlänlik nahar, kätmen. Çeken mahalyňyzda birinji planda garpyz-gawun, ikinji planda kompozisiýa merkezinde baba we agtyk, üçünji planda saçaga düwülen azyk, dördünji planda – ***perspektiwada*** uzaklardaky bakja meýdany we agaçlar suratlandyrylmaly (22-nji surat). Alynky zatlaryň iri – anygrak, uzakdaky zatlaryň maýda we öçügsi görnüşine şekillendiriş sungatynda ***perspektiwa*** diýilýär.

Surat çekende eseriň gahrymanlaryny ilki açyk fonda, soňra reňkleri üstme-üst goýup doýgun reňkde şekillendirmek talap edilýär.




**22-nji surat.** «Gawun seýlinde» temasyndaky kompozisiýa wariantlary.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ilki çekýän suratyňyzyň birnäçe garalama eskizini çyzsaňyz, işiňiz has-da mazmunlyrak çykar. Galamda işläp bolanyňyzdan soň žiwopisde işlemäge geçiň. Ilki bilen adamyň keşbi, çaýla, soň yzky tarapy – tebigatyň görnüşi reňklerde işlenýär. Boýag bilen açykdan doýguna terzinde çemeleşilýär. Kölege, ýarym kölege, doýgun kölege, refleks we alnan reňkleri tapmakda reňkşynaslyk kadalaryna amal edilýär. Ilki açyk reňk öwüşginleri, soň doýgun reňk öwüşginleri berip suraty tamamlaýarsyňyz.

**Geçilen temany berkitmek üçin soraglar:**

1. Suratçylar öz eserlerini nähili döredýärler?
2. Bakja meýdanyny nähili göz öňüne getirýärsiňiz?
3. Gorizont (gözýetim) çyzygy näme?
4. «Kompanowka» diýende nämäni düşünýärsiňiz?
5. Garalama we eskiz suratlar näme üçin çyzylýar?

**Öý işi:**

1. Birinji dersde «Gawun seýlinde» tematik kompozisiýanyň galamteswirdäki ýagdaýyny tamamlamak.
2. Adalgalar depderine tapawutlandyrylyp görkezilen sözleri bellik ediň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «TANSÇY AÝAL» HEÝKELINI IŞLEMEK

Tanslar diňe bir oýun däl, eýsem tansçynyň ýurdunyň, milletiniň arzuw-islegleri, taryhy, urp-adatlary barada elastik hereketler, mimikalar arkaly maglumatlar berýär.

Özbek, hytaý, hindi, arap tanslary bir-birinden tansçy aýallaryň geýen lybaslary, şaý-sepleri we özboluşly tans hereketleri bilen tapawutlanýar. «Tanowar» tansynda ferganalylara mahsus salykatlylyk we agraslyk aňladylsa, «Lezgi»de horezmlileriň joşgunlygy, surhan, garagalpak tanslarynda oazislileriň şoh, oýnalýan, şadyýan hereketleri doly görünýär.

Halkymyzyň Tamarahanym, Mukarrama Turgunbaýewa, Gyzlarhan Dostmuhamedowa, Malika Ahmedowa, Mamura Ergaşewa, Ruşana Sultanowa ýaly meşhur tansçylary ýurdumyzyň şöhratyny dünýä ýaýdylar.

Tanslaryň nusgawy, milli tans, wals, tango we başga ençeme görnüşleri bar.



**23-nji surat.** *Bahadyr Jelalow.* «Tansyň döreýşi» diwar suratdan parça.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Özbegistanly suratçylar tarapyndan tans sungaty we tansçy aýallara degişli ençeme şekillendiriş sungaty eserleri döredilen. Özbegistanyň halk hudožnigi Bahadyr Jalalowyň Mukarrama Turgunbaýewanyň hatyrasyna bagyşlanan «Tansyň döreýşi» diwar suraty (23-nji surat), Özbegistanyň halk hudožnigi Çingiz Ahmarowyň «Tans» (24-nji surat), «Gyzlarhan Dostmuhamedowanyň portreti», Sardor Hasanowyň «Tansçy aýal» (25-nji surat) eserleri şolara degişlidir.

Bu gün siz milli tansa düşýän tansçy aýalyň heýkelini işlände, ilki bilen, hyýalyňyzdaky obrazyň garalama eskizini kagyza çyzyp görýärsiňiz. Onda tansçy aýalyň



**24-nji surat.** *Çingiz Ahmarow.* Tans.



**25-nji surat.** *Sardor Hasanow.* Tansçy aýal.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

tans edýän wagtyndaky el, aýak, kelle hereketlerine aýratyn üns berilýär. Garalama eskiz esasynda laýdan ýa-da plastilinden tansçy aýal heýkelini ýasamaga geçýärsiňiz. Heýkaltaraşlyga aýratyn gyzyklanýan okuwçylar heýkeli has-da özüne çekiji bolmagy, hereket plastikasyny köpräk suratlandyrmak üçin tagta ýa-da ýumşak simden karkas ýasap almagy mümkin (26-njy surat).

Ilki plastilini gysymlap zuwalajyklar edip alýarsyňyz. Olardan heýkeliň bedeni, kellesi, eli we aýaklary üçin aýry-aýry bölekler alnyp, soň olary birleşdirip



**26-njy surat.** *Şahlo Ýusupowa*. «Tansçy aýal» heýkelini işlemegiň yzygiderligi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

çykýarsyňyz. Heýkel ýasanda adamyň göwresi bölekleriniň özara gatnaşyklary – ***proporsiýalary***na amal ediň.

Edil şu usulda «sazandalar» heýkelini ýasap bilersiňiz. Heýkaltaraşlyk pyçagy – agaç ***stekler***den peýdalanan mahalyňyzda arassaçylygy we ätiýaçlylygy berjaý ediň.

**Geçilen temany berkitmek üçin soraglar:**

**1.** Näme üçin adamlar tansa düşýär?
**2.** Tanslar näme üçin bir-birinden tapawutlanýar?
**3.** Özbek tanslarynyň atlaryny aýdyň.
**4.** Meşhur özbek tansçylaryndan kimleri bilýärsiňiz?
**5.** Heýkel ýasamakda nämelere üns bermeli?
**6.** Heýkel ýasamagyň basgançaklaryny aýdyp beriň.

**Öý işi:**

**1.** «Tansçy ýigit» ýa-da «Sazanda» heýkelini özbaşdak ýasap geliň.
**2.** Meşhur tansçy aýallaryň adyny we familiýasyny hem-de temada aýry görkezilen sözleri adalgalar depderine bellik ediň

## «GÜÝZKI GÜLLER» TEMASYNDA SURAT ÇEKMEK

Ülkämizde güýz özgeçe terlige eýe bolýar. Agaçlaryň ýapragy sarymtyl, gyzymtyl, açyk sary, goňur reňk öwüşginli reňklerde örän gözel görnüşi emele getirýär. Güýzüň ynjyk howasy –



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**27-nji surat.** Bägül natýurmortyny işlemegiň yzygiderligi.

howlularymyzdaky dürli güllere öz täsirini ýetirip bilmändir. Bägül, gwozdika, gültojihoraz, gülsafsar, reýhan ýaly güller töwerege öz ýalkymyny saçýar.

Siz hem şu güllerden ajaýyp natýurmort çekip bilersiňiz. Ony «Güýzki güller» diýip atlandyrýarys.

Ilki bilen, özüňize ýakýan 2–3 sany ak, sary, gyzyl güllerden gyrkyp alyp, suwly güldana salyň. Gül saýlanda öz şertleriňizden ugur alyň. Güldanyň öňüne güýzki miwelerden – alma, armyt ýa-da behi goýmak mümkin.

Miweler birinji planda, gül dessesi ikinji planda bolýar. Çekmezden öň N. Oripowanyň «Bägüller» atly natýurmortyny üns bilen synlaň (28-nji surat). Suratçynyň işini naturada goýlan gül dessesi bilen deňeşdiriň:



**28-nji surat.** *Nadira Oripowa.* Bägüller.

1. Suratdan birinji we ikinji plandaky zatlary anyklaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2. Eserde nähili güller şekillendirilen?
3. Suratda yzky fon näme üçin doýgunrak alnan?
4. Näme üçin suratda saçak açygrak reňkde berlipdir?

Işi naturadaky zatlary kagyzyň üstüne dogry ýerleşdirip almakdan başlaň. Ilki natura garalama eskiz we garalama suratlar çyzylýar. Suratda birinji planda miweler, ikinji planda gülküýzedäki güller, üçünji planda yzky fondaky mata şekillendirilýär. Naturadan surat çekilende onuň aýratyn detallaryny çekmekden umumy görnüşini işläň. Soňra aýratyn böleklerini işlemäge geçiň. Meselem, güli işlemäge berilip, galan bölegi ünssüz galdyrylsa, suratdaky zatlar ýa-da zatlaryň görnüşi bir-birine laýyk däl bolup galmagy mümkin. Boýamazdan öň kagyzy suw bilen ölläp almaly. Şonda çalynýan reňkler kagyza bir tekiz ýaýylýar. Naturadaky açyk ýerler boýalmazdan ak galdyrylýar. Açyk reňkiň üstünden has-da aýdyňrak we doýgunrak reňkleri bermek mümkin. Bir reňk ikinji reňke öwrülýän ýerde, entek olar doly guramanka üstüne başga reňk goýmaly. Reňkler ýuwaş-ýuwaşdan ýaýylyp ornaşyp galýar. Şeýdip başga gerekli reňkler berlip barylýar. Boýanda reňk öwüşginlerine, ýagty ýere, kölegelere, reflekse we fona üns berilmelidir.

**Geçilen temalary berkitmek üçin soraglar:**

1. Güýz pasly başga pasyllardan nämesi bilen tapawutlanýar?
2. Güýzki gülleriň atlaryny aýdyp beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**3.** Suratdaky zatlaryň şekiliniň proporsionallygy nähili üpjün edilen?

**Öý işi:**

«Güýzki güller» natýurmortyny žiwopisde tamamlap gelmek.

## 1-nji BARLAG IŞI

### I. Nazary bilimiňizi berkidiň.

**1.** Şekillendiriş sungatynyň görnüşlerini we žanrlaryny aýdyp beriň.

**2.** Naturadan surat çekmek näme?

**3.** «Kompanowka» diýip nämä aýdylýar?

**4.** «Perspektiwa» näme?

**5.** «Býust» näme?

### II. Zehniňizi synap görüň.

**1. Şekillendiriş sungatynyň görnüşleri haýsy hatarda dogry berlipdir?**

A) grafika, heýkeltaraşlyk, küýzegärçilik;
B) heýkeltaraşlyk, žiwopis, zergärlik;
C) žiwopis, grafika, heýkeltaraşlyk;
D) žiwopis, nakgaşlyk, agaç haşamçylygy.

**2. Şekillendiriş sungatynyň žanrlary haýsy bentde berlen?**

A) peýzaž, akwarel, ýagboýag, guaş, nagyş, batal;
B) nakgaşlyk, marinistik, animalistik, misgärlik, durmuş, portret;
C) natýurmort, taryhy, palitra, akwarel, peýzaž, portret;
D) portret, peýzaž, natýurmort, durmuş, taryhy, animalistik.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «GUŞLAR» TEMASYNDA SURAT ÇEKMEK

Tebigatda guşlaryň görnüşleri örän köp. Olaryň ýaşaýyş terzi dürlüçe bolanlygy üçin özara bir-birinden tapawutlanýar. Meselem, bürgütler dag depelerinde, laçyn sähra we çöllerde, çaýka deňiz, derýalaryň boýlarynda ýaşaýar.

Guşlaryň suratyny çekmäge girişmezden öň aşakdaky soraglara jogap tapmaga synanyşyň.

1. Ýurdumyzda guşlaryň haýsy görnüşlerine duşmak mümkin?
2. Siz guşlaryň nähili görnüşlerini bilýärsiňiz?
3. Adamlar näme üçin öýlerinde guşlary idedýärler?
4. Guşlaryň reňki, daşky görnüşi nähili?

Guşlardan dag guşy – käkilik özüniň owadanlygy we özüne çekijiligi bilen başgalardan tapawutlanýar.

Käkiligiň suratyny çekmezden öň guşuň kelle böleginden guýrugynyň ujuna çenli bolan aralygy 31-nji suratdaky nusga ýaly göni çyzygyň kömeginde bellik edýärsiňiz. Kömekçi çyzyklar bilen guşuň kellesi, bedeni we guýruk bölegini bellik edýärsiňiz. Indi basgançaklaýyn guşuň kelle bölegini, ganatyny, guýrugyny we aýaklarynyň şekilini çekip tamamlaýarsyňyz. Surat depdere käkiligiň umumy görnüşini galam bilen çekip bolansoň, reňklemäge geçýärsiňiz. Ilki açyk reňk öwüşginleri, soňra doýgun reňk öwüşginleri berilýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**29-njy surat.** Guşlar.



**30-njy surat.** Guşuň suratynyň akwarel nusgalary.



**31-nji surat.** *Arkadiý Rilow.* Mawy giňlikler.



**32-nji surat.** *Jalol Usmanow.* «Guşlaryň dili».



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**33-nji surat.** Käkiligiň suratyny çekmegiň yzygiderligi.

Käbir okuwçylar öz islegine görä başga guşlaryň suratyny çekip bilerler.



**Geçilen temany berkitmek üçin soraglar:**

**1.** Guşlar bir-birinden nämesi bilen tapawutlanýar?
**2.** Özüňiz bilýän guşlaryň atlaryny aýdyň.
**3.** Guşlar başga jandarlardan nämesi bilen tapawutlanýar?



**Öý işi:**

Käkiligiň suratyny žiwopisde tamamlap gelmek.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# GÖNÜBURÇLUK ŞEKLINDE NAGYŞ IŞLEMEK

Nagyş – amaly bezak sungatynyň iň ýaýran görnüşlerinden biridir. ***Halk amaly bezeg sungaty*** diýende, eždatlarymyz asyrlar dowamynda döredip gelen hem-de ussalarymyz tarapyndan bu gün hem dowam etdirilýän milli hünärmentçilik önümlerini we amaly sungat eserlerini düşünýäris.

Dürli hili nagyşlar amaly sungatyň esasyny düzüp, olar üç görnüşe: ***islimi, girih*** we ***çylşyrymly nagyşlara*** bölünýär.

**Islimi nagyş.** Egri çyzykly ösümlik şekilli elementlerden ybarat nagyş islimi nagyşlar – ***aýgül, ýaprak, şaha, bofta, gejek, margula*** ýaly nagyş elementlerinden çeperleşdirilip (stilistik ýol bilen) döredilýär (34-nji a surat). Munda nagyş elementleri ösümlikler, olaryň gülleri, ýapraklar, şahalar, guşlar, haýwanlaryň şekillerini stilizasiýa etmek arkaly nagyş elementleri alynýar.



a)



b)

**34-nji surat.** Islimi nagyş (a) we girih nagyş (b) nusgalary.

**Girih nagyş.** Göni çyzykly geometrik şekiller – üçburçluk,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dörtburçluk, bäşburçluk, altyburçluk, sekizburçluk ýaly şekillerden düzülen nagyş. Bu nagyşlar gençkärlikde, agaç haşamçylygynda köp ulanylýar (34-nji b surat).

**Çylşyrymly nagyş.** Islimi we girih nagyşlaryndan garyşyk ýagdaýda düzülen nagyşa çylşyrymly nagyş diýilýär (35-nji surat).

Gönüburçly nagyş oýulan agaç derweze, gapy, sütün, gençkär diwar panno, haly, sözene, pelek, gutujyk we sandyklary köp görensiňiz. Bu zatlardaky nagyşlar dörtburçluk esasynda döredilen bolsa-da, nagyş elementleriniň gurluşy we ýerleşişi, taýýarlanyşy taýdan bir-birinden tapawutlanýar (36-njy surat).



**35-nji surat.** Eýwanyň petigine işlenen çylşyrymly nagyş nusgasy.





**36-njy surat.** Gönüburçlugyň içindäki nagyş nusgalary.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**37-nji surat.** *Nizamiddin Tursunaliýew.* Gönüburçluk şeklinde nagyş işlemegiň yzygiderligi.

Bu günki dersimizde gönüburçluk şeklinde nagyş çekýäris (37-nji surat). Ilki uzynlygy 7 sm, ini 12 sm ölçegdäki gönüburçluk şeklini surat depdere ýerleşdirip alýarsyňyz. Soň merkezden ***gorizontal*** we ***wertikal*** göni çyzyklar geçirip, dörtburçlugy deň dört bölege bölýärsiňiz. Işiň soňky basgançagynda dörtburçlugyň burçlary göni çyzyk bilen birleşdirilýär. Gönüburçlugyň merkezinden 7 sm ölçegdäki töwerek çyzyp alynýar. Emele gelen çyzyklara ugur alyp basgançaklaýyn ýaprak, pagta, şaha elementlerinden nagyş kompozisiýasy alynýar. Nagyş elementlerini dörtburçlugyň çärýek böleginde alnan-dan soň, hatda kagyzyň kömeginde dörtburçlugyň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

başga böleklerine göçürip düşürilse, nagyş kompozisiýasynyň bölekleri simmetrik ýagdaýda birmeňzeş çykýar. Nagyş kompozisiýasy galamda çyzylandan soň, ony reňklemäge geçip bilersiňiz mümkin. Bu prosesde ýyly we sowuk reňkler kontrastyndan dogry peýdalanmaga çalyşyň. Adatda, maýda elementler, meselem, kompozisiýanyň merkezindäki pagta we ýaprak elementleri ýyly reňklere boýalýar.

Nusgadaky nagyş kompozisiýasy simmetriýa esaslanan, ýagny kompozisiýanyň dörtden bir bölegi simmetrik terzde gaýtalanýar. Nagyş çekmegi başlamazdan öň nusgadaky (35–36-njy suratlar) nagyşlary üns bilen synlaň.

Soň basgançaklaýyn nagşyň başga elementlerine reňk berip çykylýar. Ahyrky basgançakda güllere we ýapraklara gara-tylla öwüşgin berlip tamamlanýar.

Depderi arassa saklamalydygyny ýatdan çykarmaň.

**Geçilen temany berkitmek üçin soraglar:**

1. Amaly bezak sungatynyň görnüşlerini aýdyp beriň.
2. Nähili nagyş görnüşlerini bilýärsiňiz?
3. Nagyş bilen bezelen gönüburçluk şeklindäki nähili zatlary bilýärsiňiz?

**Öý işi:**

1. Gönüburçluk şeklindäki nagşy reňkde doly tamamlaň.
2. Adalgalar depderine aýratyn görkezilen sözleri bellik ediň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## «ÖZBEGISTANYŇ ARHITEKTURA ÝADYGÄRLIKLERI» TEMASYNDA SÖHBET

Özbegistan gadymy we taryhy arhitektura ýadygärliklerine baý ýurt (38–39-njy suratlar). Samarkant, Buhara, Hywa, Daşkent, Şährisebz, Kokant ýaly şäherlerdäki binagärlik ýadygärlikleri özüniň ajaýyp görnüşi, nagyşly bezegleri, çeper taýdan kämilligi bilen jahan bileleşigini haýran galdyryp gelýär. Bu öz gezeginde, eždatlarymyzyň binagärlik we amaly sungat ugrunda ýokary akyl-paýhas, çeper zehin eýeleri bolandygyny delillendirýär.

***«Binagärlik»***, ýagny ***«arhitektura»*** grekçe söz bolup, «gurmak», «döretme» diýen manylary aňladýar. Gurluşyk diýende binagäriň taslamalary



**38-nji surat.** Samarkant. Registan ansambly.



**39-njy surat.** Buhara. Minaraýy Kelan.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

we çyzgylary, materiallarda aňladylan pikiri onuň gurluşykçy hünärmenler tarapyndan amala aşyrylmagy düşünilýär. Bina ýa-da desganyň gözelligi, kaşaňlygy onuň kompozision gurluşyna, içki we daşky çeper taraplarynyň baglanyşyklylygyna, bezeglerden ussatlyk bilen peýdalanmaga bagly.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Özbegistan binagärligi çalt depginler bilen ösdi. Döwrebap binalar bilen bir hatarda gündogara mahsus usuldaky binagärlik ýadygärlikleri guruldy. Daşkent şäherindäki Daşkent yslam uniwersiteti, Hezreti Ymam, Samarkant



**40-njy surat.** Hezreti Ymam toplumy.



**41-nji surat.** Daşkent. Minor metjidi.



**42-nji surat.** Ymam al-Buharynyň kümmeti.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

welaýatynyň Çelek obasyndaky Ymam al-Buhary toplumy şolara degişlidir (40–42-nji suratlar).

Samarkandyň Registan meýdanyndaky Şirdar, Tillakori we Ulugbek medreseleri, Bibihanym medresesi, Şahi Zinda hem-de Göri Emir kümmetleri, Buhara şäherindäki Ysmaýyl Samany kümmeti, Metjidi Kelan, Mirarap medresesi, Minaraýy Kelan, Buhara Arky, Sitoraýi Mohi Hosa, Hywa şäherindäki Içan gala, Pahlawan Mahmyt kümmeti, Şährisebz şäherindäki Gökgümmez metjidi, Şyh Külal kümmeti, Aksaraý, Kokant şäherindäki Hudaýarhan ordasy, Daşkent şäherindäki Gögeldaş, Abul Kasym, Hezreti Ymam medreseleri ýaly taryhy zyýaratgähler jahana meşhur arhitektura ýadygärlikleridir. Bu zyýaratgähleriň daşy özüne çekiji mawy plitalar bilen bezelen. Şu sebäpden asyrlaryň dowamynda öz kaşaňlygyny we mahabatyny saklap gelýär.

**Geçilen temany berkitmek üçin soraglar:**

**1.** Özbegistandaky arhitektura ýadygärlikleri, esasan, haýsy şäherlerde ýerleşen?

**2.** Iň meşhur taryhy zyýaratgähleriň adyny aýdyp beriň.

**Öý işi:**

Adalgalar depderine ýurdumyzdaky taryhy şäherler, meşhur binagärlik ýadygärlikleriniň atlaryny hem-de aýratyn görkezilen sözleri bellik ediň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «MYHMANLAR ARHITEKTURA ÝADYGÄRLIKLERI ÖŇÜNDE» TEMASYNDA KOMPOZISIÝA IŞLEMEK

Binagärlik sungaty hem başga sungat görnüşleri ýaly adamyň keýpini kesgitleýär, onuň ruhyýetine, iş ukybyna, pikirlenmesine, dünýägaraýşyna täsir edýär. Binalardaky ägirtlik, belent mertebe, owadanlyk hem-de nagyşly bezegler sizde tebigata, ene ýurda, dörediji halkymyzyň döredijilikli zähmetine görä buýsanç duýgusyny oýarýar. Meselem, Samarkantdaky Şirdar medresesi, Buharadaky Ysmaýyl Samany kümmeti, Hywadaky Içan gala ýaly toplumlaryň islendigini ýanynda durup ýa-da fotoreproduksiýasyny synlamak arkaly muňa göz ýetirýäris. Eger siz ýaşaýan şäherde ýa-da obada şuňa meňzeş taryhy ýadygärlik bolsa, olaryň şeklini, bezeglerini ýada salmaga synanyşyň.

Ýurdumyzyň binagärçiligi dünýä sungatyna-da öz täsirini ýetiripdir. Meselem, Hindistanyň Agra şäherinde gurlan Täçmahal kümmeti ýurtdaşymyz Zahiriddin Muhammet Baburyň nesillerinden Şahjahan tarapyndan gurlan (43-nji surat). Bu kümmetiň daşky we içki gurluşy, minara we gümmezlerindäki nepis nagyşlar Samarkantdaky we Buharadaky ýadygärlige meňzäp gidýär.

«Myhmanlar arhitektura ýadygärlikleri öňünde» temasynda kompozisiýa işlenende ýokarda ýatladyp



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**43-nji surat.** Hindistan. Täçmahal kümmeti.



**44-nji surat.** Myhmanlar ýadygärligiň öňünde.

geçilen ýadygärlikden biriniň şekilini esasy obýekt hökmünde alyp bilersiňiz (44-nji surat).

Tema degişli kompozisiýa işlenende, ilki, adatdaky ýaly, kagyzyň üstünden ***gözýetim çyzygy*** geçirilip, asman bilen binalar ýerleşýän araçäk belgilenýär. Soň ýadygärligiň umumy görnüşi kagyza komponowka edip ýerleşdirilýär. Munda birinji plan, ikinji plan, üçünji plan kadasyna amal edilýär. Özge ýurtdan gelen syýahatçylar dürli millet wekilleridir. Şoňa görä-de olaryň lybaslaryda dürlüçe bolýar. Meselem, iňlis ýa-da arap, nemes ýa-da hindileriň daşky keşbi, geýimleriniň reňki, şekli, biçimi, bezegleri bilen bir-birinden tapawutlanýar.

Surat çekilende binagärlik ýadygärliginiň gündogara mahsus şekli daşky gurşawyň özara sazlaşygy, nagyş bezegleriniň bina laýyklygy, adamlaryň göwresiniň öňündäki gatnaşyklar hasaba alynýar. Suratdaky ýagty-kölege gatnaşyklary, kadalaryna perspektiwa amal edilse, surat has-da ynam-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

lyrak, mazmunlyrak çykýar. Kompozisiýany galamda işläp bolansoň, žiwopisde tamamlaýarsyňyz.

**Geçilen temany berkitmek üçin soraglar:**

1. Ýurdumyzyň binagärçiliginiň dünýä binagärlik sungatyna täsirini aýdyp beriň.
2. Daşary ýurtly syýahatçylar näme üçin gadymy şäherlerimizi tomaşa etmäge gyzyklanýarlar?

**Öý işi:**

1. «Myhmanlar arhitektura ýadygärlikleri öňünde» kompozisiýasyny žiwopisde tamamlaň.
2. Adalgalar depderine aýratyn görkezilen sözleri bellik ediň.
3. Gadymy şäherlere degişli suratlary we fotoreproduksiýalary toplap baryň.

## «ÇOPAN OGLAN» TEMASYNDA HEÝKEL IŞLEMEK

Suratçylar öz eserlerinde dürli kärdäki adamlaryň obrazlaryny döredipdirler: käbir suratçylar aktýorlary, käbirleri ýazyjy-şahyrlary, käbiri alymlary suratlandyrypdyrlar. Özbegistanyň halk hudožnigi Rahim Ahmedowyň «Çopan oglan» kartinasynda suratçy hem maşakgatly, hem şöhratly käriň eýesi – ýaş çopanyň obrazyny döredipdir (45-nji surat). Şonuň ýaly-da, Nemat Kozibaýew, Gafur Abdurahmanow, Zuhriddin Islamşikow, Fahriddin Tahirow (46-njy surat) we başga suratçylaryň çopanlaryň durmuşyna degişli eserleri hem bar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**45-nji surat.** *Rahim Ahmedow.* Çopan oglan.



**46-njy surat.** *Fahriddin Tahirow.* Süri.

Indi ünsüňizi heýkeltaraş Turkman Esanowyň «Çopan oglan» heýkeline çekýäris (47-nji surat). Onda öz malyny ýaýla sürüp barýan oglanyň obrazy şekillendirilen. Heýkelde gölesini taşlap gidesi gelmän barýan sygryny we malyny tizräk sürä goşmak üçin howlugyp barýan oglanjygyň obrazy ussatlyk bilen işlenipdir.



**47-nji surat.** *Turkman Esanow.* «Çopan oglan» heýkeli.

Siz berlen reproduksiýalary üns bilen synlaň we pikirlenip görüň, fan-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

taziýaňyzy işe salyň. «Çopan oglan» temasynda heýkel işlemek üçin wariantlar barada pikirleniň.

Heýkeli işlemezden öň ýokarda şekillendirilen eserlerdäki çopan obrazyny, onuň häsiýetli ýagdaýyny, egnindäki eşiklerini ýada salyň. Şular esasynda öz göz öňüne getirmäňizdäki obrazy özbaşdak döredýärsiňiz.

Ýumşy ýerine ýetirmezden öň surat depderiňize heýkeliň garalama suratyny çekiň.

Eskiz makul bolansoň, laýdan ýa-da plastilinden basgançaklaýyn heýkel ýasamaga geçýärsiňiz. Heýkel ýasanda adam göwresiniň bölekleriniň gatnaşyklaryna üns beriň hem-de şoňa laýyklykda laý böleklerini saýlap alyň. Işlände çopan obrazyna goşmaça ýagdaýda uly çopan itini ýa-da atyň heýkelini goşup kompozisiýa döretseňiz, işiňiz hasda mazmunly çykar. Kompozisiýany iki adam bolup hem işlemek mümkin.

Çopan oglanyň beden agzalary başlangyç işlenensoň, olary bir-birine ýelmeýärsiňiz. Nusgada getirilişi ýaly (48-nji surat), heýkeli basgançaklaýyn asyl ýagdaýyny şekillendirmäge çalyşyň.

Heýkeliň beden agzalaryny birleşdirensoň, onuň maýda detallaryny işläp bilersiňiz. Işlän mahalyňyzda heýkaltaraşlygyň möhüm kadasy – çopan oglanyň syratynyň daýanç nokadyny dogry şekillendirmäge çalyşyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**48-nji surat.** *Şahlo Ýusupowa.* Çopan oglan heýkelini ýasamagyň yzygiderligi.

**Geçilen temany berkitmek üçin soraglar:**

1. Žiwopisde ýaýlanyň görnüşi nähili suratlandyrylypdyr?
2. Rahim Ahmedowyň «Çopan oglan» eserine kesgitleme beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**3.** Heýkeltaraş T.Esanowyň «Çopan oglan» heýkelinde nähili hakykat suratlandyrylypdyr?

**Öý işi:**

«Çopan oglan» heýkelini özbaşdak dowam etdirip, doly ýerine ýetiriň.

## KWADRAT ŞEKLINDE NAGYŞ IŞLEMEK

Adam ozaldan özi ulanýan öý-hojalyk enjamlaryny, ýaşaýan jaýyny owadan we gözel nagyşlar bilen bezäp ýaşamaga öwrenipdir. Bu bolsa amaly bezeg sungatynyň agaç haşamçylygy, nakgaşlyk, gençkärlik ýaly görnüşleriniň has-da ösmegine sebäp bolupdyr.

Özbek agaç haşamçylygy we nakgaş ussalary Artyk Faýzullaýew, Ýakubjan Raufow, Toir Tohtahojaýew, Jelil Hakimow, Anwar Ilhamow, Gani Karimowlaryň binagärlik desgalarynyň içki böleginiň diwarlaryna we petiklerine, hantagtalara we kürsülere, agaç küýzelere işlenen nagyşlary näzikligi, nepisligi we özüne çekijiligi bilen özbek amaly bezeg sungatynyň dürdäneleri hasaplanýar (49–50-nji suratlar).

Kwadrat şeklinde nagyş işlemek üçin taraplary 8 sm-dan bolan kwadrat çyzyň. Ony 7-nji temada görkezilişi ýaly deň dört bölege bölüp alyp, her bir bölege ýaprak elementini, ortasyna bolsa diametri 4 sm bolan töweregiň içine sekiz bölekli aýgül



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE





**50-nji surat.** Binanyň içki bölegindäki nagyş.



**49-njy surat.** Agaç haşamçylygy bilen bezelen gapy we guty.

çyzýarsyňyz. Aýgülüň dört tarapyndan buýra şekilli şaha elementini çyzýarsyňyz. Olar birleşen nagyş elementlerini merkezden birmeňzeş uzaklykda simmetrik ýerleşdirmäge çalyşyň. Munuň üçin 7-nji temada görkezilişi ýaly, kalka kagyzdan peýdalanmak bilen nagyş kompozisiýasynyň böleklerini simmetrik edip birmeňzeş bolmagyna çalşyň.

Nusgadaky nagyşda kwadrat içine diňe islimi nagyş elementleri düşürlen (51-nji surat). Siz öz işiňizde garyşyk nagyş çyzyp hem bilersiňiz. Emele gelen şekile islendik nagyş elementleri çyzylýar. Ähli



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**51-nji surat.** *Nizamiddin Tursunaliýew.* Kwadrat şeklinde nagyş işlemegiň yzygiderligi.

çyzma işleri gutarandan soň, artykmaç çyzyklar öçürilýär we reňk bilen reňklemäge geçilýär. Nusgada getirilen nagyşda gül elementleri ýyly, tagzamin (fon) reňkleri bolsa sowuk reňklerde berlen. Siz öz nagyş kompozisiýaňyzda hem reňkleriň durnukly ***gammasy***ny saklamak bilen ***kontrast*** reňklerden ýerlikli peýdalanmaga çalyşyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Artyk Faýzullaýew



Özbegistanyň halk hudožnigi, Özbegistanyň Çeper akademiýasynyň akademigi, Çeper akademiýanyň altyn medaly eýesi. 1933-nji ýylda Daşkent şäherinde doglan. Benkow adyndaky Respublikan suratçylyk bilim edarasyny hem-de Nizamy adyndaky Daşkent döwlet pedagogika institutynyň Surat we çyzuw bölümini tamamlan. Ol agaç haşamçylygy boýunça görnükli ussa. Eserleri Nowaýy adyndaky Edebiýat muzeýinde, Özbegistan myhmanhanasynda, Nowaýy adyndaky sungat köşgünde, şeýle-de, ençeme daşary ýurtlarda bar.

**Geçilen temany berkitmek üçin soraglar:**

1. Kwadrat bilen gönüburçlugyň bir-birinden tapawudyny aýdyň.
2. Nagyşlar nähili maksatda işlenýär?
3. Nagyşlary boýamakda nähili reňklerden peýdalanylýar?
4. Meşhur özbek agaç haşamçylary, nakgaşlary barada nämeleri bilýärsiňiz?

**Öý işi:**

1. Kwadrat şeklindäki nagşy reňkde tamamlamak.
2. Adalgalar depderine aýratyn görkezilen sözleri, meşhur özbek ussalarynyň atlaryny ýazyp gelmek.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «SPORT OÝUNLARY» TEMASYNDA KOMPOZISIÝA IŞLEMEK

Ýurdumyzda sporty ösdürmek boýunça uly işler amala aşyrylýar. Hökümetimiz sporta, şol sanda, çagalar sportuna aýratyn üns berýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda sportuň ösmegi netijesinde ençeme olimpiada, jahan we Aziýa çempionlary ýetişip çykdy. Halkara sport ýaryşlarynyň ýeňijileri ýurdumyzyň baýdagyny jahan sportunyň meýdanlarynda iň ýokary dereja göterdiler. Aýratynam, 2016-njy ýyldaky Olimpiadada özbegistanly 13 sportçymyz ýeňiji we baýraklar münberine galandyklary, Rustam Nuriddinow, Hasanbaý Dostmatow, Şahobiddin Zairow, Fazliddin Gaýibnazarowlar bolsa Olimpiada çempiony boldular.



**52-nji surat.** Sport ýaryşlaryndan görnüşler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýurdumyzda üç tapgyrly «Umid nihollary», «Kämil nesil», «Uniwersiada» ýaryşlary yzygider geçirilip gelinýär. Milli göreşimiz jahan bileleşigi tarapyndan Halkara sport görnüşi diýlip ykrar edilendir. Şonuň üçin sport temasynda surat çekmek size gyzykly bolar.

«Sport oýunlary» temasynda surat çekmezden öň özüňiz halan käbir sport ýaryşyny göz öňüne getiriň (50-nji surat). Soň göz öňüne getirmäňizdäki epizodik halaty garalama surat terzinde kagyza geçirmäge synanyşyň. «Göreş meýdanynda», «Ýaş futbolçylar», «Gimnastikaçy gyz», «Weloçapyşyk», «Ring», «Pälwan bolaryn», «Derwezeçi», «Ýaş tennisçi», «Gylyçbazlar» (53-nji surat) ýaly wariantlardan birini saýlap bilersiňiz.



**53-nji surat.** Gylyçbazyň hereketleriniň suratynyň garalamasy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Kompozisiýa işlenende ilki sporta degişli fotomateriallar bilen tanyşyp çyksaňyz kompozisiýa tema saýlamagyňyz aňsatlaşar.

Surat çekende göwräniň esasy hereketini bellik etseňiz, ony suratda nähili şekillendirmelidigini bilmelisiňiz. Göreş temasynda iki pälwanyň göreşýändigi, futbol temasynda bir futbolçynyň ikinjisini aldap geçişini ýa-da topy bäsdeşiň derwezesine tarap depişini, bir boksçynyň ikinjisine zarba berşini, welosportçynyň okgunlylygyny şekillendirip bilersiňiz.

Surat çekende adam keşbini jikme-jik şekillendirmäge köp üns bermek hökman däl. Iň esasysy suratyň mazmunyny we temany, sportçynyň hereket plastikasyny görkezip bermekdir.

Adamyň suratyny çekende ýaryş mahalyndaky el, aýak, kelle we bedeniň häsiýetli ýagdaýlaryny ýada salyň. Bu halatlar tapylsa oýun wagtyndaky dartgynlyk suratyňyzda şöhlelenýär. Ýaryş geçýän meýdan (stadion, kort, ring, haly), töwerekdäki tomaşaçy, hereketlenýän adam figuralary perspektiwa kadalaryna esaslanyp işlenýär. Kompozisiýa birinji dersde galamda işlenensoň, ikinji dersde žiwopisde işlenýär. Reňklemegi iri böleklerden başlap, soňra maýda böleklere we detallara geçilýär. Ilki açyk reňk öwüşginleri, soň doýgun reňkler berilýär. Reňk perspektiwasyna görä ýakyndaky zatlar aýdyňrak, anygrak, yzdaky zatlar birneme ösügsiräk edilip işlenýär.

Kompozisiýaňyzda sport geýimlerine üns beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Oýunçylaryň geýminiň reňki bäsdeşleriniňkiden tapawutlanmalydyr.

**Geçilen temany berkitmek üçin soraglar:**

1. Özbegistanly olimpiada we jahan çempionlaryndan kimleri bilýärsiňiz?
2. Sport ýaryşlarynda komandalar näme üçin iki hili geýimde meýdana çykýarlar?
3. Ýaryş wagtynda göwräniň häsiýetli ýagdaýy nähili üýtgäp durýar?

**Öý işi:**

«Sport oýunlary» temasyndaky kompozisiýany birinji dersden soň galamda, ikinji dersden soň žiwopisde işläp geliň.

## 2-nji BARLAG IŞI

### I. Nazary bilimleriňizi berkidiň.

1. Guşlar özara bir-birinden nähili tapawutlanýar?
2. Nagşyň nähili görnüşleri bar?
3. Yurdumyzdaky haýsy arhitektura ýadygärliklerini bilýärsiňiz?
4. Meşhur agaç haşamçylary, gençkärleri we nakgaş ussalaryny aýdyp beriň.

### II. Zehiniňizi synaň.

**1. Yssy reňkleri tapyň.**

A) ýaşyl, gök, gara;
B) ak, gara, külreňk;
C) gök, gyzyl, ýaşyl;
D) açyk sary, gyzyl, sary.

**2. Nakgaşlyga degişli adalgalary tapyň.**

A) heýkel, bezeg, býust;
B) girih, kompozisiýa, islimi;
C) kitap, çotga, galam;
D) boýag, kagyz, palitra.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**3. Samarkantdaky zyýaratgähleriň adyny tapyň.**
A) Ysmaýyl Samany kümmeti;
B) Pahlawan Mahmyt kümmeti;
C) Şahi Zinda kümmeti; D) Kelte Minar.

**4. Buharadaky taryhy desganyň adyny tapyň.**
A) Minaraýy Kelan; C) Içan gala;
B) Şirdar medresesi; D) Şyh Külal kümmeti.

**5. Hywadaky taryhy zyýaratgähleriň adyny tapyň.**
A) Bibihanym, Şirdar medresesi;
B) Toprakkorgan, Minaraýy Kelan;
C) Kelte Minar, Içan gala;
D) Şyh Külal kümmeti, Gögeldaş medresesi.

**6. Üç tapgyrly sport oýunlaryny tapyň.**
A) göreş, köpkäri, gylyçbazlyk;
B) ulak, çeper gimnastika, çapyşyk;
C) «Umid nihollary», «Kämil nesil», «Uniwersiada»;
D) «Taşabbus», «Täze nesil», «Umid gunçalary».

## «GYŞ GELDI» TEMASYNDA SURAT ÇEKMEK

Gyşyň garly günlerinde daş-töwerek ap-ak lybasa bürenýär. Gyş tebigatynyň şeýle özboluşly görnüşleri ençeme suratçylara döredijilik etmek üçin ylham berýär. Rus suratçylaryndan A.Sawrasowyň «Zakyjalar uçup geldi», A.Plastowyň «Birinji gar», I.Grabaryň «Güneşli gyş güni», F.Şişkiniň «Gyş», I.Lewitanyň «Mart», özbek suratçylaryndan Rahim Ahmedowyň «Akdaşda gyş», Muhammetdiýar Taş-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**54-nji surat.** *Rahim Ahmedow.* Aktaşda gyş.



**55-nji surat.** *Ýewgeniý Strelnikow.* Gündogar diwar.



**56-njy surat.** *Muhammediýar Taşmuradow.* Gilanda gyş.



**57-nji surat.** *Isaak Lewitan.* Mart.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**58-nji surat.** *Jora Asranow.* Şahymerdan. Ak köýnek.

muradowyň «Gilanda gyş», Jora Asranowyň «Şahymerdan. Ak köýnek»,, Artykali Kazakowyň «Çimganda gyş», Ý.Strelnikowyň «Gündogar diwary» atly eserlerinde gyşyň zynaty dürlüçe suratlandyrylypdyr (54–57-nji suratlar).

Kartinalar hem-de öz hatyralaryňyz, göz öňüne getirmeleriňiz esasynda «Gyş geldi» temasynda ýaşytdaşlaryňyzdan görelde alyp (56-njy surat), özbaşdak kompozisiýa işläň. Kompozisiýany işlemezden öň suratçylaryň eserlerinde şekillendirilen wakalary synlamak esasynda emele gelen göz öňüne getirmeleriňize daýanyň.

**Geçilen temany berkitmek üçin soraglar:**

1. Gyş pasly başga pasyllardan nähili tapawutlanýar?
2. Bu pasylda tebigat nähili görnüşde bolýar?
3. Gyşky oýunlar barada aýdyp beriň.
4. Gyş günleri garyň reňki näme üçin üýtgäp durýar?
5. Gyş barada bilýän goşgularyňyzdan aýdyp beriň.

**Öý işi:**

1. Dersde başlan kompozisiýany öýde tamamlaň.
2. «Gyşky oýunlar» temasynda özbaşdak kompozisiýa işläň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# III ÇÄRÝEK

## TEGELEK ŞEKILLI NAGYŞ IŞLEMEK

Tegelegiň içinden çyzylan nagyşlar shematik gurluşynyň we elementleriniň ýerleşişi taýdan kwadrat nagyşlara meňzäp gidýär. Şekillendirilýän esasy nagyş töweregiň merkezinde ýerleşip, gyralary boş galmagy, tersine tegelegiň gyralarynda ýol şekilli nagyşlar bolup, merkeziň boş galmagy, ýa-da onuň merkezinde-de, gyralarynda-da nagyşlaryň bolmagy mümkin.

«Tegelek şekilli nagyş» kompozisiýasy işlenende gönüburçluk hem-de kwadrat şekilde nagyş çyzmakda eýelän başarnygyňyza daýanyň.

Nagyş çekmegi depderiň üstüne diametri 9 sm bolan töwerek çyzmakdan başlaň. Töweregiň ok çyzyklary ony dört deň bölege bölýär. Siziň düzýän nagyş kompozisiýasy dört gezek ritmik gaýtalanýar. Nagyş çyzmaga gyzyklanýan zehinli çagalar töweregi alty ýa-da sekiz bölege bölüp, çylşyrymlyrak nagyş kompozisiýasyny çyzyp bilerler.



**59-njy surat.** Tegelek şeklinde işlenen nagyş nusgasy.

Emele gelen shematik şekile nagyş elementlerinden



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

(ýaprak, bofta, pagta, buýra) nobatma-nobat çyzyp, işi galamda tamamlaýarsyňyz. Ilki kompozisiýanyň dörtden bir bölegi emele gelensoň, ony kalka kagyzyna düşürip töweregiň galan böleklerine göçürip çykýarsyňyz. Nagyş kompozisiýasy alnandan soň ony reňkde işlemäge geçýärsiňiz. Nagyş yzygiderlikde boýap tamamlanýar. Reňk berlende dörtburçluk nagyş işlemekde görkezilen kadalara



**60-njy surat.** *Nizamiddin Tursunaliýew.* Töwerek şeklinde nagyş işlemegiň yzygiderligi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

amal edilýär. Işiň gidişinde 60-njy suratda görkezilen basganҫaklara amal ediň. Nagşy boýamak prosesinde reňkleriň utgaşyklylygyna, ýyly ýa-da sowuk reňkler gatnaşygyna üns beriň.

**Geçilen temany berkitmek üçin soraglar:**

1. Kwadrat, tegelek, dörtburçluk şeklindäki nagyşlaryň tapawudy nämeden ybarat?
2. Tegelek şeklindäki nagyş nirelerde duşýar?

**Öý işi:**

1. Tegelek şeklindäki nagşy tamamlap geliň.
2. Öýüňizdäki amaly sungat enjamlaryndaky nagyş nusgalaryny derňäň.

## «SEBET GÖTEREN GYZ» TEMASYNDA KOMPOZISIÝA IŞLEMEK

Halkymyz ozaldan çöregi gadyrlap gelýär. Çörekleriň obi nan, petir nan, jizzeli nan, loçira nan, şirmaý nan, etli nan, sowgat nan we ýene başga ençeme görnüşleri bar. Tamdyrdan täze alnan, ýylyjak, mele-myssyk çörekler we kökeler köplenç naharhanadan öýe sebetde getirilýär.

Kompozisiýa elementlerini tapmakda ýadyňyzda saklap galan täsirleri, bazardaky çörek hatarlaryny göz öňüňize getirseňiz kompozisiýa düzmegiňiz aňsat bolýar.

Bu dersde «Sebet göteren gyz» temasynda



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

kompozisiýa işleýäris. 61-nji a suratda sebet göteren gyzjagazyň özi (suratçy U.Suleýmanow), 61-nji b suratda bolsa ýaşytdaşlaryňyz gyzjagazyň gapdal we arka taraplaryndaky fony bilelikde şekillendiripdir. Birinji dersde arka fon – howlynyň bir bölegi, naharhana, ondaky ojak-tamdyrlaryň görnüşi şekillense, ikinji dersde sebet göterip barýan gyzyň şekilini goşup, bitewi kompozisiýa döredýärsiňiz. Siz nusgadaky ýaly kompozisiýa işlemegiňiz hökman däl, belki özbaşdak temada başga görnüşdäki surat çekip bilersiňiz.







**61-nji surat.** Sebet göteren gyzjagaz.

Naharhanalar köplenç ýazky we gyşky bolýar. Surat çeken mahalyňyzda meşhur özbek suratçylary Pawel Benkowyň «Üzüm ýolmak», «Joralar» (62-nji surat), Rahim Ahmedowyň «Meniň howlym», Abdumannon Ýunusowyň «Howly» atly suratlary (63-nji surat) bilen tanyşýarys.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**62-nji surat.** *Pawel Benkow.* Joralar.



**63-nji surat.** *Abdumannon Ýunusow*. Howly.

Siz, suratlary synlamak bilen, yzky fon, birinji plan, ikinji plan, kompozisiýa merkezini anyklamaga çalyşyň. Alnan täsir esasynda öz howlyňyzy we naharhanaňyzy hyýalda göz öňüne getirip, garalama surat we eskizler işleýärsiňiz.

Naharhanada bolmaly bolan – tamdyr, ojaklaryň şekilini, gatnaşyklaryny perspektiwa kadalaryna amal etmek bilen hatyradan ýada salyp çekmäge geçýärsiňiz. Suratyňyza bedre, odun, palta we şular ýaly başga naharhana enjamlary-da goşup işlense, kompozisiýa has-da mazmunlyrak çykar.

Eger ýazky naharhananyň suratyny çekýän bolsaňyz howludaky miweli agaçlaryň, üzümleriň nähili ýerleşendigini ýada salyň. Ikinji dersde sebet göterip gelýän gyzyň obrazyny birinji dersde işlän naharhana görnüşi fonunda şekillendirýärsiňiz. Gyzyň sebet tutup



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

duran ellerini bükülen halatyndaky häsiýetli ýagdaýy, üstündäki milli lybas, sebet we ondaky çörekler basgançaklaýyn gatnaşyklara amal edip çyzylýar.

Kompozisiýa galamda çyzylansoň, doly reňklenýär. Reňklände gyzyň suraty anygrak işlense, yzdaky fon açygrak bolýar. Kompozisiýany żiwopisde işlände esasy we alnan reňkler, kontrast reňk öwüşginleri, ýagty-kölege kanunalaýyklyklaryna aýratyn ünsli beriň.

**Geçilen temany berkitmek üçin soraglar:**

1. Çöregiň görnüşlerini aýdyp beriň.
2. Kolorit näme?
3. Öýüňizdäki naharhanaňyz nähili ýerleşen?

**Öý işi:**

1. Birinji dersde «Sebet göteren gyz» kompozisiýasy galamda, ikinji dersde we öýde żiwopisde doly işlenip tamamlanýar.
2. Adalgalar depderine aýratyn görkezilen sözleri bellik ediň.

## «DÜÝE BILEN KÖŞEK» TEMASYNDA HEÝKEL IŞLEMEK

Täze doglan göläni, guzujygy ýa-da owlagy özgeçe mähir bilen tomaşa edýäris. Edil şeýle, taýçanak ýa-da köşek hem örän owadan bolýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Haýwanlary şekillendirmek temasy gadym zamanlarda hem, häzir hem şekillendiriş sungatynyň iň gyzykly žanrlaryndan biri bolup gelipdir. Gadymky Müsürdäki Sfinksleriň daşdan işlenen äpet heýkelleri, Samarkant şäherindäki Şirdar medresesiniň maňlaýyna çekilen şiriň we keýigiň şekili, arheologik gazuwlar çagynda tapylan küýzegärçilik hem-de zergärlik enjamlaryndaky şekiller hem adamlar bilen haýwanlaryň arasynda baglylyk bardygyny görkezýär.

Animalistik žanr heýkaltaraşlykda hem giň ulanylýar. Aýratynam, dekoratiw heýkaltaraşlykda dürli oýnawaçlar görnüşindäki haýwanlaryň şekiline giň orun berlen (64-nji surat). Halk ussalaryndan Ussa Jorakulow, Abdurahim Muhtarow, Hemra-bibi Rahimowalaryň işleri diňe bir Özbegistanda däl, eýsem daşary ýurtlarda-da meşhurdyr. Olaryň eserleri kiçi göwrümli dekoratiw heýkeljikler, jürlewükler bolanlygy üçin heýkaltaraşlygyň bu görnüşi ***maýda plastika*** diýlip hem atlandyrylýar.



**64-nji surat.** *Şahnoza Möminowa.* Nesriddin Ependi.

Maýda plastikadan tapawutlylykda stanokly heýkeltaşlykda animalistik žanrda işlenýän eserler ***realistik usul***da döredilýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Özbegistanly heýkeltaraşlardan Abdumömin Baýmatowyň «Köşek», Turkman Esanowyň «Çopan oglan» (47-nji surat) atly heýkellerini üns bilen synlasaňyz, siz bu günki dersde işlemeli bolan düýe heýkelini şekillendirmegiňiz aňsatlaşar.

Düýe heýkelini ýasamaga girişmezden öň düýeler baradaky düşünjeleri özboluşly obraz hökmünde göz öňüne getirmäge çalyşyň. Düýäniň heýkelini ýasanda onuň örküçlerine üns beriň, ýagny olar bir we iki örküçli bolýar (65-nji surat).

Gadymy şekiller, şol sanda, Gündogar miniatýuralarynda hem, häzirki miniatýuralarda hem düýäniň şekili suratçylar tarapyndan köp ulanylan (66-njy surat).



## Hemrabibi Rahimowa

1896-njy ýylda Wobkent tümeninde doglan. Adaty maýda şekildäki toýun oýnawaçlar ýasaýan heýkeltaraş-küýzegär. Onuň eserleri at, pil, eşek, taýçanak, guzujyk, goç, legendar guş we haýwanlar şeklindäki maýda plastika we jürlewüklerden ybarat bolup, olaryň görnüşinde ýumor bar. Hemrabibi enäniň eserleri Pariždäki Luwr, Sankt-Peterburgdaky Ermitaž hem-de Italiýadaky Jahan keramika muzeýlerinden orun alypdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**65-nji surat.** Düýe bilen köşek.



**66-njy surat.** Düýeler. Safawylar döwründe işlenen miniaturadan parça.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**67-nji surat.** *Şahlo Ýusupowa.* «Düýe bilen köşek» heýkelini işlemegiň yzygiderligi.

Heýkeli ýasamaga girişmezden öň onuň görnüşini anyk göz öňüne getirmek üçin galam bilen kagyza garalama işläp alýarsyňyz. Onda düýäniň bedenini özboluşly taraplaryny, beden bölekleriniň özara gatnaşyklaryny anyklaşdyryp, soň olara laýyklykda plastilinden bölejikler taýýarlap, onuň iň uly bölegi – bedenini, kellesini, aýaklaryny, örkejini we guýrugyny aýry-aýry ýasap, soň olary birleşdirip çykýarsyňyz (67-nji surat). Öz işiňizi ýasanyňyzda nusgadaky şekilden döredijilikli peýdalanyp



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**68-nji surat.** «Keýijik» heýkeli.

bilersiňiz. Heýkeliň böleklerini bir-birine ýapyşdyryp bolanyňyzdan soň ol umumy timarlanýar. Onda siz agaç stekiň kömeginde artykmaç ýerlerini kesip, gyryp alyp taşlaýarsyňyz, tersine, kem ýerlerini dolduryp, şekiliň hakyky görnüşini suratlandyrmaga çalyşyň. Eger siz şekili ulurak ölçegde ýasaýan bolsaňyz ýumşak simden karkas ýasaň.

Öz kompozisiýaňyzy işlände 68-nji suratdaky «Keýijik» atly plastilinden ýasalan heýkeljikden döredijilikli peýdalanyp bilersiňiz.

Plastilin ýa-da laý bilen işlän mahalyňyzda arassaçylyga aýratyn üns beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Geçilen temany berkitmek üçin soraglar:**

1. Maýda plastika näme?
2. Maýda plastikadan eserler döreden küýzegärlerden kimleri bilýärsiňiz?

**Öý işi:**

1. Synpda başlan düýe heýkelini tamamlaň.
2. Adalgalar depderine aýratyn ýazylan sözleri ýazyp goýuň.
3. Zehinli çagalar üçin: düýe şekillendirilen özbaşdak kompozisiýa işlemek.

## «UR, TOKMAK» ERTEKISI ESASYNDA ILLÝUSTRASIÝA IŞLEMEK

Adamzadyň iň beýik açyşlaryndan biri bu kitapdyr. Owadan suratlar bilen bezelen kitaplary göreniňizde özboluşly lezzet alýarsyňyz. «Şemçyrak tutan pişik» (69-njy surat), «Ziýad batyr» atly özbek halk ertekilerine suratçy Abdukahhar Mahkamow ajaýyp illýustrasiýalary işläpdir.

Suratçy özi illýustrasiýa işleýän çeper eseriň mazmuny bilen tanyşyp çykmak bilen, illýustrasiýa üçin tema bolýan taraplaryny özüne bellik edýär. Şol täsirler esasynda birnäçe wariantda garalama suratlary çekýär. Garalama çekilen suratlar esasynda edebi eseriň mazmunyna laýyk gelýän kompozisiýalary düzýär. Ynha şu kompozisiýalaryň iň makullaryny illýustrasiýanyň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**69-njy surat.** *Adukahhar Mahkamow.* «Şemçyrak tutan pişik» ertekisine işlenen illýustrasiýalar.

jemleýji warianty hökmünde işleýär. Siz hem hödürlenilýän erteká illýustrasiýa işlemegi başlamazdan öň onuň mazmunyny derňäň. Okanlaryňyzy ýa-da telewizorda tomaşa eden multfilmleri ýada salmaga çalyşyň.

Illýustrasiýanyň jemleýji kompozisiýasyny işlände illýustrasiýaçy suratçylaryň işlerini üns bilen synlaň (69–71-nji suratlar).

Bu günki dersde size «Ur, tokmak» ertekisine illýustrasiýa işlemek wezipesi berilýär. Mugallymyňyz bilen maslahatlaşmak bilen siz özüňize makul bolan başga ertekileri saýlap alyp bilersiňiz. Diýmek, «Ur, tokmak» ertekisine illýustrasiýa işlemäge girişmezden öň «Ur, tokmak» ertekisiniň gahrymanlaryny ýada



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE





**70-nji surat.** *Zilola Suleýmanowa.* Gafur Gulamyň «Şum bala» kyssasyna işlenen illýustrasiýalar.

salyň. Olaryň görnüşini nähili düşündiren bolardyňyz?

Illýustrasiýa kompozisiýasyny oýlanda gowulygyň ýamanlygyň, ýowuzlygyň üstünden ýeňiş gazanýandygyny ýatda saklaň.

«Ur, tokmak» ertekisinde garry awçynyň başyndan geçirenleri hekaýa edilýär. Günleriň birinde garry awçynyň toruna leglek düşüpdir. Leglek awçydan ony goýbermegini sorap, onuň öwezine onuň üç dilegini ýerine ýetirjekdigini aýdýar. Goja leglegi çykaryp



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

goýberýär. Günleriň birinde durmuşynda kynçylyk döränligi sebäpli goja leglegiň ýanyna barypdyr. Leglek goja birinji gezek açyl saçak, ikinji gezek gelende bolsa gaýnaýan küýze sowgat edipdir. Gojanyň ýolda ýaman adamlaryň hilelerinden aldanýandygyny aňan leglek oňa «Ur, tokmak» berýär. Goja «Ur, tokmagyň»kömeginde hakykata düşünýär. Gysganç baý bolsa gojanyň zatlaryny gaýtaryp berýär. Aýdylyp geçilen sýužet esasynda ertekiniň mazmunyna laýyk şekillendiriş obrazlaryny gözläň. Onda siz aşakdaky halatlara üns berip bilersiňiz:



**71-nji surat.** *Telman Muhamedow.* «Zumret we Gymmat» ertekisine işlenen illýustrasiýa.

1. Garry awçynyň leglek bilen ilkinji duşuşygyny nähili göz öňüne getirýärsiňiz?
2. Leglegiň ýanyna barýan awçy goja ýolda kimlere duşýar?
3. Sowgat bilen leglegiň ýanyndan gelýän goja nähili wakalary başyndan geçiripdir?

Ýokardaky soraglar esasynda illýustrasiýanyň bir näçe wariantlaryny hödürlemek mümkin. Meselem, birinji wariantynda awçynyň toruna düşen leglek bilen ilkinji duşuşygy; ikinji wariantynda awçynyň ýolda çopanlar bilen duşuşmagy; üçünji wariantda awçy bilen



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




**72-nji surat.** *I.Halhojaýew.* «Ur, tokmak» ertekisine işlenen illýustrasiýa.

mekir baýyň duşuşmagy; dördünji wariantda bolsa «Ur, tokmak» gysganç baýy jezalandyrýan ýagdaýy şekillendirilmegi mümkin. Mundan başga-da, siz özbaşdak terzde başga ***epizody*** hem alyp bilersiňiz (72-nji surat).

Surat çekmäge girişmezden öň şekili kagyzyň üstüne ýerleşdirmäge aýratyn üns beriň (73-nji surat).

Kompozisiýany žiwopisde işlände-de perspektiwa kadalaryna amal ediň. Eger işiňizi akwarel reňklerinde ýerine ýetirýän bolsaňyz, açyk reňklerde yzygiderlikde reňklemelisiňiz. Her bir basgançakda reňkleri barha



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**73-nji surat.** «Ur, tokmak» ertekisine illýustrasiýa işlemegiň yzygiderligi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

doýgunlaşdyrýarsyňyz. Ýene reňkleriň simwoliki manylaryna hem üns beriň. Bu size položitel we otrisatel gahrymanlaryň obrazyny açyp görkezmäge kömek eder.

Işlän mahalyňyzda arassaçylyga aýratyn üns beriň. Suwy artykmaç zaýalamaň.

**Geçilen temany berkitmek üçin soraglar:**

**1.** Kitap bezeýän meşhur suratçylardan kimleri bilýärsiňiz?

2. Ertekilere işlenen illýustrasiýalar başga kitaplara işlenen illýustrasiýalardan nämesi bilen tapawutlanýar?

**Öý işi:**

**1.** Dersde illýustrasiýanyň galamda çekilen suratyny, ikinji dersde bolsa žiwopis wariantyny tamamlaň.

**2.** Adalgalar depderine aýratyn görkezilen sözleri bellik ediň.

## «FUTBOLÇY» TEMASYNDA HEÝKEL IŞLEMEK

Sport görnüşleriniň içinde iň ýaýrany, şübhesiz, futboldyr. Şonuň üçin hem ony «millionlaryň oýny» diýip atlandyrýarlar.

Özbegistanda birinji futbol komandasy 1912-nji ýylda Kokant şäherinde «Muzkomanda» ady bilen döredilen bolsa, bu günki günde respublikamyzyň ähli welaýatlarynda futbol komandalary bar. Aýratynam,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




**74-nji surat.** Futbol oýnundan görnüşler.

garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda futbolyň ösmegine hökümetimiz tarapyndan uly üns berilýär. Hut garaşsyzlyk ýyllarynda Özbegistanyň milli ýygyndy komandasy Aziýa oýunlarynyň ýeňijisi boldy (1994), ýaşlar we ýetginjekler ýygyndy komandalary birnäçe gezek jahan çempionatynda gatnaşyp, mynasyp oýun görkezdiler. Ýetginjekler ýygyndy komandasy Aziýa birinjiliginde altyn we kümüş medallaryna sezewar boldy.

Futbol oýunlaryny telewizor arkaly köp görensiňiz. Şu sebäpli futbolda nähili halatlaryň bolýandygyny, futbolçylaryň nähili hereketlenýändigini gowy bilýärsiňiz (74-nji surat). Şu düşünjeleriňiz size heýkel ýasamakda kömek eder.

Käbirleriňiz jahan futbolynyň ýyldyzlary – Pele, Maradonna, Ronaldo, Zidan, Bekhem, Messi, özbegistanly Birodar Abduraimow, Gennadiý



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Krasniskiý, Mirjalol Kasimow, Serwer Jeparow, Odil Ahmedow ýalylaryň suratlaryny ýygýansyňyz. Ine şu suratlardaky gahrymanlaryňyzyň halatlaryny ýada salsaňyz, işlejek kompozisiýaňyzyň çözgüdini tapmagyňyz aňsat bolar.

Futbolçynyň heýkelini işlände ony haýsy ***pozisiýada*** oýnaýşyna-da üns bermeli bolýar. Meselem, derwezeçiniň topa okdurylýan, goraýjynyň bäsdeş hüjümçisinden topy alýan, ýarym goraýjynyň bäsdeşini aldap geçişini, hüjümçiniň bolsa top depýän halatlaryny şekillendirmek mümkin (75-nji surat). Temanyň wariantyny seçip alanyňyzdan soň laýdan ýa-da plastilinden futbolçynyň göwresiniň başy, elleri, aýaklary, bedeni üçin olaryň gatnaşyklaryndan ugur almak bilen saýlap alýarsyňyz. Olaryň görnüşini (şekillerini) ýasanyňyzdan soň göwrä birleşdirýärsiňiz.

Ýasalan heýkeljigiň kemçilikleri agaç ýa-da plastmassa stekleriň kömeginde ýonmak, gyryp alyp taşlamak ýa-da ýelmemek arkaly düzedilýär.



**75-nji surat.** Futbolçynyň hereketleriniň garalamalary.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**76-njy surat.** *Şahlo Ýusupowa.* Futbolçynyň heýkelini işlemegiň yzygiderligi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Eger heýkeli ulurak ölçegde işleýän bolsaňyz, onuň berkligini üpjün etmek üçin simden ***karkas*** – direg ýasaýarsyňyz hem-de göwre böleklerini oňa ýelmäp çykýarsyňyz (75-nji surat).

Futbolçynyň heýkelini işlände nusgada getirilen illýustrasiýadan döredijilikli peýdalanyp bilersiňiz.

**Geçilen temany berkitmek üçin soraglar:**

**1.** Dünýäniň meşhur futbol komandalaryndan hem-de futbolçylaryndan kimleri bilýärsiňiz?

2. Özbegistanly görnükli futbolçylardan kimleri bilýärsiňiz?

3. Heýkel pugta bolmagy üçin näme edilýär?

**Öý işi:**

**1.** Futbol temasynda plastilinden ýa-da laýdan özbaşdak kompozisiýa düzüň.

2. Adalgalar depderine aýratyn görkezilen sözleri ýazyp geliň.

3. Zehinli çagalar üçin ýumuş: iki figuraly «Futbolçylar» temasynda heýkel ýasaň.

## «NOWRUZ BAÝRAMY» TEMASYNDA KOMPOZISIÝA IŞLEMEK

Nowruz gadym zamanlardan bäri Gündogar ýurtlarynda bahar baýramy, ýigdelme pasly hökmünde giňden nyşanlanyp gelinýär. Nowruz barada halkymyz ençeme rowaýatlar döredipdirler.

Bahar, Nowruz temasy suratçylaryň döredijiliginde-de möhüm orun tutýar. Özbegistanyň şekillendiriş



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**77-nji surat.** Semeni seýli.

sungaty taryhynda Oral Tansykbaýew, Nikolaý Karahan, Rahim Ahmedow, Nemat Kozibaýew, Obidjan Bakirow, Abduwali Möminow ýaly suratçylaryň peýzažlarynda bahar temasy özboluşly terlik bilen şekillendirilen.

Siz işlemekçi bolan kompozisiýada Nowruzyň dürli elementleri – ýaňyja gögerip ugran maýsalar, bark urup güllän badamyň, erigiň we şetdalynyň şahalary, bahar barada daş-töwerege habar ýaýradyşy ýaly asmanda pyrlanyp uçýan garlawaçlar, giňliklerde guralan umumhalk baýramlary, seýiller, mamalarymyz taýýarlaýan semeniler, göreş ýa-da ulak ýaryşlary, bagşylar, dürli folklor ansambllarynyň çykyşlarynyň temasy bolmagy mümkin. Şonuň ýaly-da, Nowruz barada ata-enelerimiz, baba-mamalarymyz gürrüň edip beren rowaýatlaryň mazmuny hem siz işleýän kompozisiýa tema bolmagy mümkin. Elbetde, Nowruzyň esasy temasy – bu semenidir (77-nji surat).



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**78-nji surat.** *Islamjan Rahmanow.* «Semeni» temasynda kompozisiýa garalamasy.



**79-njy surat.** Ýaşytdaşlaryňyzyň işinden nusga.

Ýokarda size ýatladylan ýagdaýlary gowy derňäň-de, özüňiz üçin tema saýlaň. Esasysy, mümkingadar özüňiz gören, göni şaýady bolan wakalary şekillendirmäge çalyşyň. Mugallymyňyz bilen maslahatlaşyp kompozisiýa «Nowruz seýli», «Batberek uçurmak», «Semeni» temalaryndan birini saýlap bilersiňiz (78–79-njy suratlar).

Işi hemişekisi ýaly ýeňil çyzyklaryň kömeginde garalama eskiz işlemekden başlaýarsyňyz. Olary umumylaşdyryp, jemleýji kompozisiýa wariantyny tapanyňyzdan soň, ony žiwopisde ýerine ýetirmäge girişýärsiňiz. Ilki adamlaryň şekili, ýagny kompozisiýanyň birinji plandaky esasy elementlerini, soň daş-töwerekdäki elementleri basgançaklaýyn reňkde işläp çykýarsyňyz. Bu ilki adamlary çekip bolup, soň başgasyny işlemek diýeni däl. Diňe belli bir yzygiderlikde basgançaklaýyn işi ahyryna ýetirýärsiňiz. Işlän mahalyňyzda arassa reňklerden



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

peýdalanmak, şekillendiriş sungatynyň perspektiwa, ýagty-kölege, gatnaşyklar, reňkleriň bir-birine özara täsiri ýaly kanunalaýyklyklara amal etmegi unutmaň.

**Geçilen temany berkitmek üçin soraglar:**

**1.** Nowruz baýramy haçan nyşanlanýar?
**2.** Nowruz temasynda eser döreden suratçylardan kimleri bilýärsiňiz?
**3.** Nowruzda nähili çäreler geçirilýär?
**4.** Baharda taýýarlanýan nähili tagamlary bilýärsiňiz?

**Öý işi:**

**1.** Nowruza degişli kompozisiýany birinji dersde galamda, ikinji dersde žiwopisde tamamlaň.
**2.** Adalgalar depderine Nowruz seýlinde geçirilýän tomaşanyň atlaryny we baharky tagamlaryň adyny bellik ediň.

## 3-nji BARLAG IŞI

### I. Nazary bilimiňizi synaň.

**1.** Näme sebäpden gyş günlerinde ýagan garyň reňki üýtgeýär?
**2.** Stilizasiýa näme?
**3.** Meşhur futbolçylardan kimleri bilýärsiňiz?

### II. Zehiniňizi synaň.

**1. Daşkent, Samarkant, Şährisebz şäherlerindäki Emir Temur heýkelleriniň awtory kim?**

A) Rahim Ahmedow C) Azamat Hatamow
B) Ilham Jabbarow D) Kutlug Başarow

**2. Kitap grafikasyna degişli adalga haýsy jogapda dogry görkezilipdir?**

A) ýagboýag C) illýustrasiýa
B) plastilin D) panno



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**3. Heýkeltaraşlyga degişli adalgany anyklaň.**

A) çotga
B) girih
C) plastilin
D) nagyş

**4. «Tansyň döreýşi» eseriniň awtory kim?**

A) Ne’mat Kozibaýew
B) Rahim Ahmedow
C) Bahadyr Jelalow
D) Oral Tansykbaýew

## «DAGDA BAHAR» TEMASYNDA KOMPOZISIÝA IŞLEMEK

Açyk tebigatyň gujagynda naturadan owadan suratlary çekmek suratçydan uly ussatlygy talap edýär. Ýöne şeýle suratçylar hem bar bolup, ýagny olar daglary we tokaýlary, deňizdir derýalary, baglary we ekin meýdanlaryny, çöldür sähralary gözel edip suratlandyrýarlar. Peýzažçy suratçylaryň hem öz söýýän pasly, günüň ýagdaýy bolýar. Halk suratkeşi akademik Oral Tansykbaýewi Özbegistanyň peýzažynyň aýdymçysy diýýärler. Ol öz eserlerinden birini «Meniň aýdymym» (80-nji surat) diýip atlandyrmagyda ony Özbegistanyň gaýtalanmaz tebigatynyň aýdymçysydygyny delillendirýär. Onuň «Özbegistanda mart», «Dagda», «Daglarda bahar» atly eserlerinde ýurdumyzyň bahar paslyndaky gözel tebigaty ýokary ussatlyk bilen şekillendirilen.

Peýzažçy suratçylardan Nikolaý Karahan, Rahim Ahmedow, Nemat Kozibaýew (83-nji surat), Anwar Mirsagatow, Obidjan Bakirow (83-nji surat), Gafur Abdurahmonow, Abduwali Möminow, Artykali Ka-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**80-nji surat.** *Oral Tansykbaýew.* Meniň aýdymym.



**81-nji surat.** *Ne'mat Kozibaýew.* Aktaşda bahar.

## Ne'mat Kozibaýew



Özbegistanyň halk hudožnigi, Özbegistan Çeper akademiýasynyň akademigi, «Il-ýurt hormaty» ordeni eýesi. 1929-njy ýylda Fergana şäherinde doglan. 1953-nji ýylda I.Repin adyndaky Leningrad suratçylyk, heýkeltaraşlyk we binagärlik institutyny tamamlan. N.Kozibaýew şekillendiriş sungatynyň ähli žanrlarynda netijeli döredijilik edipdir. Eserleri respublikamyzyň we daşary ýurtlaryň muzeýlerinde saklanýar. Onuň «Nodirabegim», «Abdulla Kadyry», «Nowaýy we Soltan Söýün» ýaly portretleri, «Bahar», «Fergana jülgesi» ýaly peýzažlary, «Gözleýjiler», «Çopanlaryň huzurynda» ýaly durmuş žanryndaky eserleri Özbegistan şekillendiriş sungatynyň seýrek nusgalaryndandyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**82-nji surat.** *Ne’mat Kozibaýew.* Dań.



**83-nji surat.** *Obidjan Bakirow.* Erik güllände.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**84-nji surat.** *Askarali Suleýmanow.* «Dagda bahar» temasynda kompozisiýa işlemegiň yzygiderligi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

zakow, Ýanis Salpinkidi, Dilýus Imamow, Muhammetdiýar Taşmuradowlaryň eserlerinde ýurdumyzyň tebigaty özboluşly terzde suratlandyrylan.

Dagda bahar temasynda kompozisiýa işlemezden öň siz ýadyňyzdaky düşünjeleri dikeltmäge çalyşyň. Özbegistanyň ençeme çägi dagly ýerlerden ybarat. Aýratynam, Daşkent welaýatynyň Bostanlyk, Gazalkent tümenlerindäki, Fergana jülgesindäki, Jyzzak–Samarkant ýolundaky, Kaşgaderýa we Surhanderýa oazisindäki dagly peýzažlary hut özüňiz gören bolmagyňyz mümkin. Galyberse-de, suratçylaryň peýzaž žanryndaky eserlerinde dag peýzažlaryndan daşary telewizor we kitaplardaky illýustrasiýalar arkaly köp gezek görensiňiz. Görenleriňizi gowy ýada salyň. Şonda sizde kompozisiýa wariantlary üçin tema tapmak aňsat bolar.

**Geçilen temany berkitmek üçin soraglar:**

1. Bahar temasynda peýzaž eserleri döreden haýsy suratçylary hem-de olaryň nähili eserlerini bilýärsiňiz?
2. Özbegistanly haýsy suratçy özüniň peýzaž žanrynda döredilen eserlerinden birini «Meniň aýdymym» diýip atlandyrypdyr?
3. Özbegistanyň haýsy welaýatlarynda dagly peýzažlary görmek mümkin?

**Öý işi:**

1. «Dagda bahar» kompozisiýasyny žiwopisde tamamlaň.
2. Adalgalar depderine aýry ýazylan sözleri bellik ediň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# IV ÇÄRÝEK

## «BAHAR GÜLLERI» TEMASYNDA KOMPOZISIÝA IŞLEMEK

Bahar temasyny diňe bir täze ösüp çykan maýsalar, baýyrlary elwan haly ýaly düşelen gülälekler, al, ak we benewşe reňk bolup güllän badam, erik, şetdaly we almalaryň peýzažçy suratçy tarapyndan şekillendirilen eserlerinde däl, eýsem bahar ösümlikleriniň şekili hökmündäki natýurmort eserlerinde-de görmek mümkin. Obidjan Bakirowyň



**85-nji surat.** *Obidjan Bakirow.* Erik güli.



**86-njy surat.** *Lew Reznikow.* Bahar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**87-nji surat.** *Obidjan Bakirow.* Gülälekler.



**88-nji surat.** *Artykali Kazakow.* Bahar güli siren.

«Erik güli» (85-nji surat), Lew Reznikowyň «Bahar» (86-njy surat), Obidjan Bakirowyň «Gülälekler» (87-

## Obidjan Bakirow



Özbegistanyň halk hudožnigi, 1941-nji ýylyň 19-njy martynda Andijan şäherinde doglan. Respublikan suratçylyk kolležini hem-de Daşkent teatr we suratçylyk institutyny (häzirki Kemaliddin Behzad adyndaky Milli suratçylyk we dizaýn instituty) akademik Rahim Ahmedowyň ussahanasynda işlän. Özbegistan şekillendiriş sungaty taryhynda beýik şahslar we döwürdeşler portretleri, liriki peýzažlary hem-de natýurmort žanryndaky eserleri bilen mynasyp orun alan. Gündogaryň beýik alymy Biruny, halk artisti Abbas Bakirow portretleri, «Şahymerdanda güýz», «Nowruz» temasyndaky peýzaž eserleri, «Güýzki natýurmort» şolara degişlidir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

nji surat), Artykali Kazakowyň «Bahar güli siren» (88-nji surat) atly natýurmortlaryny üns bilen synlasaňyz muňa göz ýetirersiňiz.

Baharky güller temasynda natýurmort žanryndaky eserleri Rahim Ahmedow, Ýuriý Taldykin ýaly suratçylar hem döredipdirler.

Diýmek, bahar gülleri temasyndaky kompozisiýa işlemegiň dürli wariantlarynyň bolmagy mümkin eken. Onda siz natýurmort žanryny esasy žanr hökmünde alyp, baharyň terligini doly suratlandyrmak üçin goşmaça elementlerden peýdalanyp bilersiňiz. Siz işleýän kompozisiýanyň esasy elementi hökmünde meşhur suratçylar



**89-njy surat.** *Rawşan Asranow.* Natýurmort.



**90-njy surat.** *Janpolat Başarow.* Baharky keýp.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

tarapyndan şekillendirilen gülälekler, başga bahar gülleri, erigiň güllän şahasy, goşmaça element hökmünde äpişgeden görnüp duran tebigat peýzažy, güllän agajyň şahasy bolmagy mümkin. Ýatladyp geçilenlere goşmaça hökmünde ýene haýsy elementlerden peýdalanmak mümkin? Bu işde suratçylaryň bahar temasyndaky natýurmortlaryndan we başga kompozisiýalaryndan döredijilikli peýdalanyp bilersiňiz (88–89-njy suratlar).

Işleýän kompozisiýaňyzyň temasyny we mazmunyny gowy oýlap alandan soň kompozisiýanyň birnäçe garalama wariantlaryny galamda eskizini çyzyň. Eskizleriň her birinden käbir elementleri almak bilen kompozisiýanyň jemleýji wariantyny galamda çyzyň (91–92-nji suratlar).



**91-nji surat.** «Bahar gülleri» temasynda natýurmort işlemegiň yzygiderliginden nusgalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**92-nji surat.** «Bahar gülleri» kompozisiýasyny işlemegiň yzygiderligi.

Kompozisiýanyň galamda çyzylan wariantyny bellenilen kadalar esasynda şekillendirenden soň, ony žiwopisde ýerine ýetirmäge girişiň. Žiwopis işlän mahalyňyzda bahary aňladýan reňklerden peýdalanmaga çalyşyň. Eger žiwopisi akwarel reňklerinde işleýän bolsaňyz ilki suwugrak, açyk



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

reňkler bilen işläň. Reňkleri ýuwaş-ýuwaşdan doýgunlaşdyryp naturanyň hakyky reňkine laýyklaşdyrýarsyňyz. Reňkleri bir-birine garyşdyryp goşmaça reňk almakda olary kirlemegine ýol bermäň. Kompozisiýany garyşyk tehnikada, ýagny akwarelde hem-de guaş reňklerinde işleseňiz size kontrast reňklerden peýdalanmak üçin köpräk mümkinçilik berýär. Kompozisiýanyň käbir ýerlerini, meselem, fony doýgun reňke boýap, guaş we akwarel boýagyň garyndysyndan alnan aýdyň reňkleri şol ýere çalsaňyz reňkler kontrastynyň hasabyna reňk taýdan owadan şekil emele gelýär.

Kompozisiýanyň esasy böleklerini, uly üstlerini reňk bilen işläp bolanyňyzdan soň käbir detallary işlemäge girişiň. Eger uly üstleri boýamakda anyk reňklerden azrak peýdalanan bolsaňyz, detallary işlän mahalyňyzda mümkingadar arassa we aýdyň reňklerden peýdalanmaga çalyşyň. Sebäbi, bahar gülleriniň ählisi aýdyň reňkde bolýar.

**Geçilen temany berkitmek üçin soraglar:**

1. Bahar temasynda kompozisiýa döreden haýsy suratçylary hem-de olaryň nähili eserlerini bilýärsiňiz?
2. Bahar paslynda Özbegistanyň tebigatynda nähili reňklere köpräk duşmak mümkin?

**Öý işi:**

«Bahar gülleri» kompozisiýasyny žiwopisde tamamlap goýuň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# TOÝUN TABAK ÜÇIN NAGYŞ IŞLEMEK

Özbegistanyň küýzegärçilik sungaty uzak taryha eýe. Toýundozluk küýzegärçiligiň iň ýaýran görnüşlerinden biridir. Şonuň üçin toýundozluk enjamlaryny Özbegistanyň her bir maşgalasynda duşmak mümkin (93-nji surat). Toýun tabak, şakäse, çäýnek, käse ýa-da tarelkalar öz funksiýasyna garap dürli şekillerde we ölçeglerde ýasalýar. Şonuň üçin olaryň çeper bezegi-de her hili bolýar. Toýun gaplaryň ýene şeýle görnüşleri hem bolup, olar sungat eseri hökmünde binalaryň içki bölegini bezemek üçin ulanylýar. Şeýle toýun enjamlary daşary ýurtly syýahatçylar, sungat müşderileri ýurdumyzdan sowgat hökmünde alyp gidýärler. Tabaklaryň owadan bolmagynda olaryň şekli we reňki bilen nagyşlary-da aýratyn özüne çekiji bolmalydyr.




**93-nji surat.** Özbegistanyň küýzegärçilik mekdepleriniň eserlerinden nusgalar: a) Horezm; b) Riştan; ç) Gijduwan.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Toýun tabak üçin nagyş işlemezden öň Özbegistanyň toýundozluk sungatynyň özboluşly taraplary baradaky bilimiňizi täzeden ýada salmaga çalşyň. Özbegistanyň Daşkent, Riştan, Urgut, Gurumsaraý, Hywa küýzegärçilik mekdepleri bar. Olar bir-birinden bezeg üçin ulanylýan çeper elementleri, reňkleri bilen tapawutlanýar.

Tabak we onuň görnüşleri baradaky düşünjeleriňizi dikeldeniňizden soň özüňiz işleýän kompozisiýa barada pikir ýöredip bilersiňiz. Şuny ýatda saklaň, tabak üçin işlenýän nagyş kompozisiýasy siz ikinji çärýekde işlän tegelegiň içindäki nagyş kompozisiýasyna meňzeş bolýar. Diňe onuň elementlerinde tapawut bolmagy mümkin, ýagny tabagyň çeper bezeginde islimi we girih nagyşlary bilen bile, simwolik manyda ulanylan teswirler hem ulanylmagy müm-



**94-nji surat.** *I.Kamilow.* Kündük temasy.



**95-nji surat.** *M.Saidow.* Balyk temasy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**96-njy surat.** Toýun tabak üçin nagyş işlemegiň yzygiderligi.

kin (94–96-njy suratlar). Diýmek, işi surat depderiniň ortasyna töwerek çyzmakdan başlaýarsyňyz. Onuň diametri 12 santimetr bolmagy mümkin. Ondan ulusy surat depderiňiz sygman, kiçisi bolsa nagyş işlände kynçylyk döretmegi mümkin. Nobatdaky iş töweregiň içinde başdaky töwerekden kiçiräk ýene bir töwerek çyzmakdan ybarat bolýar. 97-nji ç suratda ussa küýzegär edil şeýle çemeleşipdir. Emele gelen uly we kiçi töwerekleriň arasyndaky ýol şekilli ýere girih usulynda, içki töweregiň üstüne bolsa islimi nagyşlar berlen. 97-nji a suratda bolsa tabagyň üsti töwerekler bilen üç bölege bölünen.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE


a) b) ç)

**97-nji surat.** Toýun tabak üçin nagyş nusgalary.

Töwerekleriň sany näçe bolmalydygy baradaky soraga jogap tapanyňyzdan soň, töweregiň üstüni iň bolmanda deň bölege bölýärsiňiz. Ony iň bolmanda dört bölege bölmelisiňiz. Käbir okuwçylar töweregi dört, alty ýa-da sekiz bölege bölmegi-de mümkin. Ynha şu bölekleriň birine nagyş kompozisiýasynyň bir bölegini çyzýarsyňyz. Soňra olary simmetrik terzde kalka kagyzyna göçürip, soň kompozisiýanyň başga böleklerine-de geçirýärsiňiz. Munda ***kalka*** kagyzyndan peýdalansaňyz tegelegiň her bir bölegindäki nagyş bölekleri birmeňzeş çykýar. 97-nji b suratdaky bezegleri üns bilen synlaň. Ussa küýzegär birmeňzeş şekilleri alty gezek gaýtalapdyr. Diýmek, ussa ony alty deň böleklere bölüp çykypdyr.

Toýun tabak üçin işlenýän nagyş kompozisiýasyny galamda ýerine ýetireniňizden soň oňa reňk bermäge girişip bilersiňiz. Adatda, nagyş kompozisiýalary akwarelde, guaşda hem-de ***tempera*** reňklerinde işlenýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Tabaga işlenen nagşa reňk berende reňkleriň görnüşleriniň (ýyly we sowuk) hem-de öwüşginleriniň (goýy we açyk reňkler) kontrastlylygyndan önümli peýdalanmaga çalşyň.

**Geçilen temany berkitmek üçin soraglar:**

**1.** Toýun gaplara berilýän çeper bezegler bir-birinden nähili tapawutlanýar?
**2.** Daşary ýurtly syýahatçylar hem-de amaly sungat müşderileri toýun tabaklary nähili maksatlarda satyn alýarlar?
**3.** Özbegistanyň haýsy şäherlerinde küýzegärçilik sungaty mekdepleri bar?

**Öý işi:**

**1.** Birinji dersde tabak üçin işlenýän kompozisiýanyň galamdaky şekilini ahyryna ýetirmek, ikinji dersden soň bolsa žiwopisde tamamlamak.
2. Adalgalar depderine aýratyn ýazylan sözleri ýazyp gelmek.

## «BOKSÇY» TEMASYNDA HEÝKEL IŞLEMEK

Siz sportuň her hili görnüşlerine gyzyklanýarsyňyz. Olaryň arasynda, şübhesiz, boks hem bar. Boks Özbegistanyň sportunyň köpçülikleýin görnüşlerinden biri. Çünki, Özbegistandan dünýä meşhur boksçylar ýetişip çykan. 1974-nji ýylda Gawana şäherinde höwesjeň boksçylaryň arasynda Birinji jahan çempionaty geçirilende, pýedestalyň iň ýokarsyna



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

«Daşkent ýolbarsy» diýip at gazanan özbegistanly Rufat Riskiýew çykypdy.

Aýratynam, garaşsyzlyk ýyllarynda Özbegistanda sportuň bu görnüşi çalt depginler bilen ösüp barýar. Indi olimpiada çempiony andijanly Muhammetkadyr Abdullaýew, Hasanbaý Dostmatow (98-nji surat), Şahobiddin Zairow, Fazliddin Gaibnazarow (99-njy surat), iki gezek jahan çempionlary Abbas Atoýew, Ötkirbek Haýdarow, olimpiada we jahan çempionatynyň kümüş medal eýeleri Bektemir Melikoziýew, Şahram Giýasowyň atlary bütin dünýä tanaldy. Professional boksçymyz Artur Grigorýan jahan çempiony hökmünde öz kemerini 16 gezek üstünlikli gorady. Siz telewizorda berlen reportažlar, gazet





**99-njy surat.** Boks boýunça Olimpiada çempiony Fazliddin Gaibnazarov.

**98-nji surat.** Boks boýunça Olimpiada çempiony Hasanbaý Dostmatow.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**100-nji surat.** Boksçynyň hereketleriniň garalamasy.

we žurnallardaky fotoillýustrasiýalar arkaly olaryň hereketlerini köp gezek görensiňiz.

Kompozisiýa döretmezden öň boksçylaryň halatlary nähili bolýar, diýen soraga jogap tapmaga synanyşyň. Bize mälim bolşy ýaly, boksda iki halat bolýar. Birinjisi hüjüm ediş ýagdaýy bolsa, ikinjisi, goranyş ýagdaýy. Şoňa garap el, aýak we göwre hereketleri dürlüçe bolýar. 100-nji suratda şekillendirilen boksçynyň dürli halatlaryny üns bilen synlaň. Şonuň ýaly-da, boksçynyň hüjüm edýän mahalynda zarba beriş usullary hem her hili bolýar. Şol sanda, sagdan, çepden, öňden, pestden zarba bermäge garap ýasalýan heýkeljigiň ýagdaýyny kesgitläň. Munda siz heýkeljigiň hereketi



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**101-nji surat.** «Boksçy» heýkelini ýasamagyň yzygiderligi.

bilen birlikde göwresiniň daýanç nokadyny dogry tapmalysyňyz. Ýogsam ýasan heýkeljigiňiz edil ýykyljak bolýan ýaly görünmegi mümkin. Şonuň üçin ýasaýan heýkeljigiňiziň görnüşini kesgitlemek üçin galamda birnäçe garalama işläň. Öz işiňizi ýerine ýetireniňizde nusgada getirilen suratlardan döredijilikli peýdalanmaga çalşyň.

Heýkeljigiň kompozisiýasyny kesgitländen soň, boksçynyň göwresiniň böleklerini laýyklap alýarsyňyz. Soňra 101-nji suratda görkezilişi ýaly, böleklerini birleşdirip çykýarsyňyz.

Boksçynyň göwresiniň hereketine laýyk umumy halaty anyklanandan soň, onuň detallaryny işlemäge girişýärsiňiz. Munda heýkaltaraşlyk enjamlary – steklerden peýdalanýarsyňyz. Olaryň kömeginde artykmaç ýerler gyryp alnyp taşlanýar, kemçilikleri düzedilýär. Onda siz maýda detallara aýratyn ähmiýet bermäň. Meselem, boksçynyň gözi ýa-da gaşy şekillenmegi onçakly möhüm däl. Iň esasysy, onuň hereketiniň obrazly çykmagydyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Geçilen temany berkitmek üçin soraglar:**

1. Özbegistanly haýsy boksçylar Olimpiada, Jahan we Aziýa çempionlary bolupdyr?
2. Boks ýaryşlarynda boksçynyň nähili hereketlerini görmek mümkin?
3. Heýkaltaraşlykda boksçynyň ýagdaýyny dogry şekillendirmek üçin nämelere üns bermeli?

**Öý işi:**

1. Boksçy heýkelini tamamlamak.
2. Zehinli çagalar üçin iki figuraly boksçylar heýkelini ýasamak.

## «ÇAPYŞYK» TEMASYNDA SURAT ÇEKMEK

Çapyşyk temasy örän giň gerimlidir. Olaryň ählisinde ýaryş ruhy bolup, görnüşleri her hili bolýar. Çagalaryň köçede, mekdep stadionynda ylgaşmagy, welosipedde kim ozar diýip ýaryşmaklary-da aslynda çapyşykdyr. Çapyşygyň ýörite taýýarlanyp geçirilýän görnüşleri-de bar. Bu çapyşyklar atda, sport welosipedinde (102-nji surat), motosiklde, ýeňil awtomobillerde hem geçirilýär. Çapyşyklaryň iň ýaýrany ralliler bolup, uzak ýyllardan bäri Pariž–Dakar ýönelişinde sähralar arkaly geçýär. «Formula–1» diýlip atlandyrylýan çapyşyklar bolsa tizlik we bäsdeşlik taýdan iň güýçlüsi hasaplanýar. Şonuň ýaly-da, çapyşyklaryň çagalar kartingi, baggi, motokross görnüşleri hem bar. Merkezi Aziýa halklarynda bolsa atda çapylýan



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




**102-nji surat.** Welo-çapyşyk.

«Gyz kowalamak» oýny hem aslynda çapyşyga meňzeýän ýaryş. Owlakgapdyda hem çapyşyk elementleri bar: kimdir owlagy alyp gaçýar, kimdir ony kowalaýar. Diýmek, çapyşyk temasy giň gerimli bolup, bu temada kompozisiýa döretmek üçin dürlüçe temalary saýlamak mümkin.

Çapyşyk temasy suratçylar tarapyndan hem dürli wariantlarda şekillendirilen. Özbegistanyň halk hudožnikleri Mannon Saidowyň «Çapyksuwarlar» (103-nji surat), Alyşir Alikulowyň «Ulak» (104-nji surat), Kut-



**103-nji surat.** *Mannon Saidow.* Çapyksuwarlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**104-nji surat.** *Alyşir Alikulow.* Ulak.

lug Başarowyň «Özbek milli oýunlary», gazagystanly suratçy N.Akinbaýewiň «Gyz kowalamak» (105-nji surat) atly eserleri muňa aýdyň mysal bolýar. Suratçylaryň eserlerini ünsli synlaň. Syn etmek netijesinde hyýalyňyzda dörän taglymlar esasynda «Çapyşyk» temasynda kompozisiýa wariantlary üstünde pikirleniň. Munuň üçin, adatdaky ýaly, ýumşak galamda birnäçe garalama surat – eskiz çyzyň.

Tema iki sagada niýetlenendigini hasaba alyp, kompozisiýanyň mazmuny barada köpräk oýlaň. Siz ýokarda agzalyp geçilen sport görnüşlerinden birine kompozisiýa işläp bilersiňiz. Munda köpräk gyzyklanmaňyza hem-de düşünje, täsirleriňize esaslanyň. Kompozisiýa wariantlaryny tapmakda nusgalarda getirilen illýustrasiýalardan döredijilikli peýdalanyp bilersiňiz.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Her kim öz gyzyklanmasyna görä tema saýlamagy mümkin. Kompozisiýa mazmunly çykmagy üçin galamda çyzylan eskizler arkaly kompozisiýa wariantlaryny döredijilikli gözlände aýratyn üns bermelisiňiz. Wariantlar näçe köp bolsa, kompozisiýa üçin çözgüt tapmak şonça aňsatlaşýar.

Eskizlerden kompozisiýa wariantyny çyzyp alansoň, ony žiwopisde ýerine ýetirýärsiňiz. Kompozisiýany ýerine ýetiren mahalyňyzda illýustratiw materiallardan, derslikde berlen nusgalardan döredijilikli peýdalanyň. Şonuň ýalyda, kompozisiýanyň her bir detalyny işlände ýadyňyzdaky hem-de düşünjäňizdäki obrazlardan hem netijeli peýdalanmaga çalşyň.



**105-nji surat.** *N.Akinbaýew.* Gyz kowalamak.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### Geçilen temany berkitmek üçin soraglar:

1. Merkezi Aziýa halklarynyň çapyşyk elementleri bar bolan däbe öwrülen nähili ýaryşlaryny bilýärsiňiz?
2. Özbegistanly suratçylardan kimler çapyşyk temasynda şekillendiriş sungaty eserlerini döredipdirler?
3. Sport ýaryşlarynyň içinde çapyşygyň nähili görnüşleri bar?

### Öý işi:

1. Birinji dersde «Çapyşyk» temasyndaky kompozisiýanyň galamda çekilen şekilini ahyryna ýetiriň, ikinji dersden soň bolsa žiwopisde tamamlaň.
2. Zehinli çagalar üçin kompozisiýanyň başga wariantyny özbaşdak ýerine ýetirmek.

## 4-nji BARLAG IŞI

### Zehiniňizi synaň.

**1. Gülälekler temasynda haýsy özbek suratçylary natýurmort işläpdirler?**

A) Ýewgeniý Melnikow, Obidjan Bakirow
B) Oral Tansykbaýew, Nikolaý Karahan
C) Jawlan Umarbekow, Bahadyr Jelalow
D) Muhammet Nuriddinow, Alyşir Alikulow

**2. Haýsy bentde «Çapyşyk» temasynda žiwopis eserini döreden özbek hudožnigi berlen?**

A) Akmal Ikramjanow
B) Abduweli Möminow
C) Ýanis Salpinkidi
D) Mannon Saidow

**3. Daşkent küýzegärçilik mekdebiniň däplerini dowam etdirýän dinastiýa wekili, Özbegistan Çeper akademiýasynyň akademigi kim?**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

A) Azamat Hatamow
B) Akbar Rahimow
C) Çingiz Ahmarow
D) Artyk Faýzullaýew

**4. Haýsy hatarda Özbegistan çeper hünärmentçiliginiň küýzegärçilik görnüşi ösen merkezler berlen?**

A) Daşkent, Gülüstan, Margilan
B) Jyzzak, Karşi, Namangan
C) Ürgenç, Kokant, Termiz
D) Riştan, Urgut, Daşkent

## «MÖJEK BILEN DURNA» BASNÝASYNA ILLÝUSTRASIÝA IŞLEMEK

Geçilen derslerden siz ertekiler näme maksatda dokalýandygy, näme sebäpden olary ulular kiçilere aýdyp berýändigini aňan bolsaňyz gerek. Ertekiler aslynda adamlary gowulyga, ýagşylyga ündeýän serişde. Adamlary ertekiler ýaly gowulyga çagyrýan ýene bir serişde bar. Bu basnýalardyr. Onda haýwanlar edil adamlar ýaly gepleýär. Durmuşda aslynda bir-birleri bilen hiç hili gatnaşykda bolmaýan haýwanlar basnýaçynyň ussatlygy sebäpli dillenýärler, birek-birege myhmançylyga barýarlar. Aýratynam, rus basnýaçysy Iwan Krylowyň basnýalaryna meşhur suratçylar tarapyndan ajaýyp suratlar çekilen. 106-njy suratda onuň «Kwartet» diýlip atlandyrylýan basnýasyna Walentin Serow tarapyndan çyzylan illýustrasiýa üns beriň. Ondaky «sazandalar» – aýy, eşek, geçi we maýmyn edil



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**106-njy surat.** *Walentin Serow.* «Kwartet» basnýasyna işlenen illýustrasiýa.



**107-nji surat.** *I.Semýonow.* «Möjek bilen durna» basnýasyna işlenen illýustrasiýa.

ussa sazandalar ýaly özboluşly obrazda şekillendirilen. Suratçy I.Semýonowyň «Möjek bilen durna» basnýasyna işlän illýustrasiýasynda başgaça kompozisiýa saýlanan (107-nji surat). Bir atdaky esere dürlüçe wariantlarda illýustrasiýa işlemek mümkin. Onda haýwanlary edil adamlar ýaly çekmek mümkin. Esasysy, şuny ýatda saklaň, basnýaçylar haýwanlaryň obrazlary arkaly adamlary gowulyga çagyrýarlar.

«Möjek bilen durna» basnýasynyň mazmuny hem göreldelidir. Onda özüniň açgözlügi sebäpli damagyna süňk dykyp, dem almaga haly galmadyk möjegiň damagyndaky süňki durna özüniň uzyn çüňki bilen soguryp alýan ýagdaýy basnýanyň iň täsirli ýagdaýy bolsa gerek. Şonuň üçin hem suratçy basnýanyň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**108-nji surat.** *B. Popow.* «Tilki bilen üzüm» basnýasyna işlenen illýustrasiýa.



**109-njy surat.** *I.Semýonow.* «Teneçir bilen garynja» basnýasyna işlenen illýustrasiýa.

şu ýagdaýyny şekillendiripdir. Siz hem basnýanyň mazmunyndan ugur almak bilen kompozisiýanyň birnäçe garalama wariantlaryny eskiz terzinde işlemäge synanyşyň. Olardan iň makulyny žiwopisde ýerine ýetiriň. Kompozisiýa wariantyny tapmakda «Tilki bilen üzüm» (108-nji surat), «Teneçir bilen garynja» (109-njy surat) ýaly basnýalara işlenen illýustrasiýa wariantlaryndan hem döredijilikli peýdalanyp bilersiňiz. Şonuň ýaly-da, mugallymyňyz bilen maslahatlaşyp özüňize makul bolan başga basnýany hem saýlap almagyňyz mümkin.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Surat çekende maksat diňe bir şekillendiriş endigini artdyrmak däl, eýsem basnýanyň mazmunyna düşünip, öz durmuşyňyzda ondan görelde hökmünde peýdalanmaga çalşyň.

**Geçilen temany berkitmek üçin soraglar:**

**1.** Dürli temalardaky nähili basnýalary hem-de olara illýustrasiýa işlän haýsy suratçylary bilýärsiňiz?
**2.** Özüňiz bilýän basnýalardan haýsy-da bolsa biriniň mazmunyny gürrüň edip beriň.
**3.** «Möjek bilen durna» basnýasyna işlän illýustrasiýaňyzy düşündirip beriň.

**Öý işi:**

**1.** Ýylyň dowamynda ýerine ýetirilen işleri gözden geçirip, iň gowularyny jemleýji derse getiriň.
2. Adalgalar depderine aýratyn ýazylan sözlerden ybarat okuw ýylynyň dowamynda jemlenen adalgalar sözlügini tertibe getiriň.

## JEMLEÝJI DERS. SERGI-SÖHBET

Eziz okuwçylar! Siz ýylyň dowamynda şekillendiriş sungatynyň žiwopis, grafika we heýkaltaraşlyk görnüşlerinde döredijilikli işleri ýerine ýetirdiňiz. Şonuň ýaly-da, amaly sungatyň nakgaşlyk görnüşi boýunça dürli şekillerdäki kompozisiýalary ýerine ýetirdiňiz. Bu günki dersde olary jemleýäris. Dersde mugallymyňyz tarapyndan bildirilen ýylyň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dowamynda ýerine ýetirilen işleriň derňewi baradaky pikirlerini üns bilen diňläň. Ondan siz kimler şekillendiriş sungaty tälimi boýunça nähili üstünlikleri gazanandygyny bilersiňiz. Elbetde, kimdir bu barada köpräk işläp, gowy netijelere gazanandyr. Siz hem soňky okuw ýylynda olara deňleşmäge çalşyň. Gowy netije gazananlaryňyz bolsa synpdaşlaryňyza kömek edip, olary hem özüňiz ýaly dörediji adam bolup ýetişmegi üçin kömekleşmelisiňiz.

Nobatdaky wezipe: siz ýylyň dowamynda işlän iň gowy işleriňizi synpdaşlaryňyza özbaşdak düşündirip beriň. Şonuň ýaly-da, synpdaşlaryňyzyň iň gowy işlerini bilelikde düşündiriň. Bu çärä mekdep ýolbaşçylary, synp ýolbaşçylaryňyz hem-de ata-eneleriňizi-de çagyrsaňyz jemleýji ders özboluşly baýramçylykly gurşawda, döredijilikli ruhubelentlikde geçer. Synpdaşlaryňyz hem-de mugallymyňyz bilen maslahatlaşyp synp okuwçylarynyň ýylyň dowamynda ýerine ýetiren iň gowy işlerinden mekdep foýesi, koridory ýa-da synp otagynda sergi gurasaňyz, öz işiňizden hoşal bolarsyňyz, öz işiňizden buýsanmak hem-de başgalary hem gözellik älemine gyzyklanmagyna goşant goşarsyňyz.

Okuw ýyly tamamlandy. Şekillendiriş sungaty şeýle ugur bolup, onda işlemek üçin tema hemişe tapylýar. Tomus temasy hem suratçylar üçin gyzykly tema bolanlygy üçin dynç alyş döwründe-de şekillendiriş sungaty bilen özbaşdak meşgullanmagy unutmaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ŞEKILLENDIRIŞ SUNGATYNA DEGIŞLI ADALGALARYŇ DÜŞÜNDIRIŞI

**Karkas** (italýança «carcacce» – esas) – laý, plastilin ýaly ýumşak materialdan heýkel ýasalanda agaç ýa-da simden ýasalan daýanjy, esasy.

**Kolorit** (italýança «colorito», latynça «color» – reňk) – žiwopis we nakgaşlyk eserlerinde köp ulanylýan esasy reňk.

**Kompozisiýa** (latynça «compositio» – düzmek, ulanmak) – şekiliň detallaryny belli bir mantyk esasynda bir-birine birleşdirmek, ýerleşdirmek arkaly çeper eser döretmek.

**Kontrast reňkler** – reňk öwüşginine we doýgunlygyna görä bir-birinden ýiti tapawutlanýan reňkler: ak – gara; gök – sary.

**Reňkler gammasy** – şekillendiriş we amaly sungatda çeper eser döretmekde reňkleriň ulanylyşyndaky yzygiderlik tertibi, ulgamy.

**Realistik usul** – şekili şekillendiriş sungaty kanunalaýyklyklary esasynda real (hakyky) şekillendirmek usuly.

**Relýef** – heýkaltaraşlyk görnüşi, üste görä güberçek şekil.

**Refleks** – haýsy-da bolsa bir predmete şöhle (ýagtylyk) düşmegi netijesinde onuň reňkiniň başga predmetiň üstünde şöhlelenmegi.

**Sužet** – şekillendiriş sungaty eseriniň temasyny (mazmunyny) kesgitleýän reallygyň şekili (beýany).

**Epizod** – çeper eseriň mälim bölegi. Meselem, edebi eseriň illýustrasiýa işlemek üçin saýlanyp alnan parçasy.

**Etýud** – haýsy-da bolsa bir obýekt (tebigatyň görnüşi, portret), predmet (natýurmort), natura (portret) ýa-da tematik kompozisiýa üçin dürli grafiki materiallarda gönüden-göni naturadan işlenen garalama, reňkli reňklerde gysga möhletde işlenen reňkli görnüş.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# MAZMUNY

Şekillendiriş sungatynyň görnüşleri we žanrlary . . . . . . . . . . . 3
«Gawun we nar» temasynda natýurmort işlemek . . 12
«Gawun seýlinde» temasynda kompozisiýa işlemek . . 18
«Tansçy aýal» heýkelini işlemek . . . . . . . . . . . . . . . 21
«Güýzki güller» temasynda surat çekmek . . . . . . . . 24
«Guşlar» temasynda surat çekmek . . . . . . . . . . . . 28
Gönüburçluk şeklinde nagyş işlemek . . . . . 31
«Özbegistanyň arhitektura ýadygärlikleri» temasynda söhbet . 35
«Myhmanlar arhitektura ýadygärlikleri öňünde» temasynda kompozisiýa işlemek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 38
«Çopan oglan» temasynda heýkel işlemek . . . . .40
Kwadrat şeklinde nagyş işlemek . . . . . . . . . . . . 44
«Sport oýunlary» temasynda kompozisiýa işlemek . . . 48
«Gyş geldi» temasynda surat çekmek . . . . . . . . 52
Tegelek şekilli nagyş işlemek . . . . . . . . . . . . . 55
«Sebet göteren gyz» temasynda kompozisiýa işlemek . . 57
«Düýe bilen köşek» temasynda heýkel işlemek . . 61
«Ur, tokmak» ertekisi esasynda illýustrasiýa işlemek . . 66
«Futbolçy» temasynda heýkel işlemek . . . . . . . 72
«Nowruz baýramy» temasynda kompozisiýa işlemek . 76
«Dagda bahar» temasynda kompozisiýa işlemek . . 80
«Bahar gülleri» temasynda kompozisiýa işlemek . . 85
Toýun tabak üçin nagyş işlemek . . . . . . . . . . 91
«Boksçy» temasynda heýkel işlemek . . . . . . . . 95
«Çapyşyk» temasynda surat çekmek . . . . . . . . . . 99
«Möjek bilen durna» basnýasyna illýustrasiýa işlemek . . . 104
Jemleýji ders. Sergi-söhbet . . . . . . . . . . . . 107
Şekillendiriş sungatyna degişli adalgalaryň düşündirişi . . . . 109

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*O'quv nashri*

Asqarali SULAYMONOV, Islomjon RAHMANOV,
Zilola SULAYMONOVA

# TASVIRIY SAN'AT

(Turkman tilida)

**Umumiy o'rta ta'lim maktablarining
4-sinfi uchun darslik**

*Ikkinchi nashr*

«Sharq» nashriyot-matbaa
aksiyadorlik kompaniyasi
Bosh tahririyati
Toshkent – 2017

**Nashr litsenziyasi AI № 201, 28.08.2011-y.**

Terjime eden *Kamiljan Hallyýew*
Çeper redaktor *Feruza Başarowa*
Tehredaktor *Ra'no Babahanowa*
Sahaplaýjy *Mastura Athamowa*
Redaktor *Jumanazar Metýakubow*

Çap etmäge 2017-nji ýylyň 00-nji iýulunda rugsat edildi. Möçberi $70\times90^1/_{16}$. «Arial» garniturasy. Ofset çap ediliş usuly. Ofset kagyzy. Kegl 14,5; 13. Şertli çap listi 8,19. Neşirýat-hasap listi 9,12. 990 nusgada çap edildi. Buýurma № 4738.

**«Sharq» neşirýat-çaphana peýdarlar kompaniýasynyň çaphanasy, 100000, Daşkent ş., Beýik Turan köçesi, 41.**

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel

| T/n | Okuwçynyň ady, familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly | Dersligiň tabşyrylan-daky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |

**Derslik kärendesine berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtarylyp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky baha bermek ölçeglerine esaslanylyp doldurylýar:**

| | |
|---|---|
| **Täze** | Dersligiň birinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| **Ýagşy** | Sahaby bütin, dersligiň esasy böleginden aýrylmandyr. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, goparylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzyklar ýok. |
| **Kanagat-lanarly** | Kitabyň daşy ýenjilen, ep-esli çyzylan, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden aýrylan ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly abatlanan. Goparylan sahypalary täzeden ýelmenen, käbir sahypalary çyzylan. |
| **Kanagat-lanarsyz** | Kitabyň daşy çyzylan ýyrtylan, esasy böleginden aýrylan ýa-da bütinleý ýok, kanagatlanarsyz abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, sahypalary ýetişmeýär, çyzylyp taşlanan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*O‘quv nashri*

Asqarali SULAYMONOV, Islomjon RAHMONOV,
Zilola SULAYMONOVA

# TASVIRIY SAN’AT

*(Turkman tilida)*

**Umumiy o‘rta ta’lim maktablarining 4-sinfi uchun darslik**

*Ikkinchi nashr*

«Sharq» nashriyot-matbaa
aksiyadorlik kompaniyasi
Bosh tahririyati
Toshkent – 2017

**Nashr litsenziyasi AI № 201, 28.08.2011-y.**

Terjime eden *Kamiljan Hallyýew*
Çeper redaktor *Feruza Başarowa*
Tehredaktor *Ra’no Babahanowa*
Sahaplaýjy *Mastura Athamowa*
Redaktor *Jumanazar Metýakubow*

Çap etmäge 2017-nji ýylyň 00-nji iýulunda rugsat edildi. Möçberi $70 \times 90^{1}/_{16}$. «Arial» garniturasy. Ofset çap ediliş usuly. Ofset kagyzy. Kegl 14,5; 13. Şertli çap listi 8,19. Neşirýat-hasap listi 9,12. 157 nusgada çap edildi. Buýurma № 4738-A.

**«Sharq» neşirýat-çaphana peýdarlar kompaniýasynyň çaphanasy, 100000, Daşkent ş., Beýik Turan köçesi, 41.**

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE